TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY BILEN SÖWDA-YKDYSADY, MEDENI-YNSANPERWER WE YLYM-BILIM ULGAMLARYNDA GATNAŞYKLARY GELJEKDE-DE ÖSDÜRMEGI MAKSAT EDINÝÄRIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
3-nji noýabr, 2023. Belgisi 44/1558




# KÖPTARAPLAÝÝN HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

*1-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň daşary işler ministri Pak Çžini kabul etdi*

Myhman ýüzbe-ýüz duşuşmaga döredilen mümkinçilik hem-de «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» 16-njy hyzmatdaşlyk forumyna gatnaşmaga çakylyk üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Prezident Ýun Sok Ýoluň mähirli salamyny, ähli türkmen halkyna abadançylyk we gülläp ösüş baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Şunda koreý tarapynyň özara hormat goýmak, oňyn hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan däp bolan döwletara dialogyň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berýändigi nygtaldy.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Koreýa Respublikasynyň Prezidentine mähirli salamyny aýtdy hem-de dostlukly ýurduň daşary işler ministrine, onuň kärdeşlerine bu formatda netijeli hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine täze itergi berjek forumyň üstünlikli geçmegini arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda dürli ulgamlary öz içine alýan özara bähbitli türkmen-koreý hyzmatdaşlygynyň ýokary ösüş depginlerine kanagatlanma bildirildi. Bellenilişi ýaly, ýokary derejede açyklyk, özara ynanyşmak esasynda ýola goýlan dialog döwletara gatnaşyklaryň hemmetaraplaýyn pugtalandyrylmagynyň möhüm şertidir. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň çäklerinde Prezident Ýun Sok Ýol bilen bolan duşuşygynyň netijeli häsiýetini nygtady. Onuň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleriniň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de geljekki ugurlary kesgitlenildi.

Şeýle hem biziň ýurtlarymyzyň halkara guramalaryň we düzümleriň ugry boýunça üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändikleri bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hem-de Koreýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk forumynyň işiniň netijelidigi nygtaldy. Bu formatda her ýyl geçirilýän duşuşyklarda hyzmatdaşlygy, şol sanda energetika, ulag, ekologiýa, saglygy goraýyş, medeni-ynsanperwer ulgamlarda gatnaşyklary işjeňleşdirmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar.

Soňky ýyllarda parlamentleriň ugry boýunça türkmen-koreý gatnaşyklary hem yzygiderli häsiýete eýe boldy. Iki ýurduň kanun çykaryjy edaralarynyň ýolbaşçylarynyň özara saparlary amala aşyrylýar. Şeýle gatnaşyklar parlamentarileriň arasynda netijeli tejribe alşylmagyna hem-de hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine ýardam berýär.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak döwletara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, iri koreý kompaniýalarynyň birnäçesi indi köp ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň nebitgaz we ulag pudaklarynda netijeli iş alyp barýarlar. Şunda taraplaryň işewürlik hyzmatdaşlygyny dowam etdirmäge özara gyzyklanmalary tassyklanyldy.

Şeýle-de, medeni-ynsanperwer ulgamyň türkmen-koreý gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygy nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda koreý dilini öwrenmek boýunça Patyşa Sejong adyndaky bilim merkeziniň üstünlikli işleýändigi bellenildi. Koreý dili Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda hem öwredilýär. Şol bir wagtda, türkmen ýaşlary Koreýa Respublikasynyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýarlar.

Dostlukly ýurduň daşary işler ministri hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça netijeli söhbetdeşlik üçin döwlet Baştutanymyza hoşallygyny beýan edip, Aşgabatda bolmagynyň özünde galdyran ýakymly täsirlerini paýlaşdy we ak mermerli türkmen paýtagtyna, onuň özboluşly binagärlik keşbine, gözelligine haýran galandygyny aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Koreýa Respublikasynyň daşary işler ministri Pak Çžin ýyl-ýyldan täze, anyk many-mazmun bilen baýlaşdyrylýan dostlukly döwletara dialogyň geljekde-de okgunly ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

* * *

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» 16-njy hyzmatdaşlyk forumyna gatnaşmak üçin paýtagtymyza gelen Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary, daşary işler ministri Murat Nurtleuwy, Özbegistan Respublikasynyň daşary işler ministri Bahtiýor Saidowy, Gyrgyz Respublikasynyň daşary işler ministri Žeenbek Kulubaýewi we Täjigistan Respublikasynyň daşary işler ministri Sirojiddin Muhriddini kabul etdi.

Duşuşyklaryň dowamynda taraplar dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň berk binýadyna daýanýan, uzak möhletleýin ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

## Dost-doganlygyň nusgasy



Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyz depginli we yzygiderli daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirýär hem-de halkara gatnaşyklar ulgamynda mynasyp orun eýeleýär. Ýurdumyzyň ählumumy we sebitleýin geosyýasatda möhüm ähmiýete eýe bolan halkara abraýy dowamly pugtalandyrylýar. Türkmen döwleti dünýäniň ähli ýurtlary bilen deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň durmuşa geçirilmegine esaslanýan gatnaşyklaryň ösdürilmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Türkmenistan we Türkiýe baý taryhy hem-de medeni mirasy bolan ýurtlardyr. Türkmen hem türk halklarynyň öňden gelýän dostlukly gatnaşyklary taryhy-medeni däpleriniň umumylyklary, söwda we ynsanperwer gatnaşyklary, häzirki döwürde bolsa garaýyşlarynyň meňzeşdigi bilen baglanyşyklydyr. ■ 3



## Ekologiýa abadançylygy – döwrüň talaby

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyz ata Watanymyzyň täsin we gözel tebigatyny goramak hem-de ony asyl durkunda geljekki nesillere miras goýmak, ýurdumyzyň ekologiýa abadançylygyny durnukly üpjün etmek, tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak, ilatymyzyň ekologiýa medeniýetini kämilleşdirmek meselesine aýratyn ähmiýet berýär. Ekologiýa we daşky gurşawy goramak meseleleri babatda Türkmenistanyň ýöredýän syýasaty dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýär. ■ 3

# «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumy geçirildi

*1-nji noýabrda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkmenistanyň, Özbegistan Respublikasynyň we Koreýa Respublikasynyň daşary işler ministrleriniň gatnaşmagynda «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» 16-njy hyzmatdaşlyk forumy geçirildi.*

«Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumy formatynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy giňeltmegiň we pugtalandyrmagyň geljekki mümkinçilikleri» atly umumy mejlisiň barşynda çykyş edenler – Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Koreýa Respublikasynyň, Özbegistanyň, Täjigistanyň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary mähirli kabul edilendikleri hem-de däp bolan myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň Prezidentine hoşallyklaryny beýan edip, bu forumy hem-de onuň çäklerinde geçirilen çäreleriň sebit syýasatyny sazlaşdyrmak, söwda gatnaşyklaryny giňeltmek üçin möhümdigini bellediler.



Çykyşlarda altytaraplaýyn görnüşdäki hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyna seljerme berildi, hyzmatdaş ýurtlaryň «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» formatynda hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine çemeleşmeleri we garaýyşlary beýan edildi. Myhmanlaryň pikirine görä, şu gezekki duşuşygyň jemleri döwletara hyzmatdaşlyga täze kuwwat berer, onuň ugurlarynyň giňeldilmegine, döwlet düzümleriniň we işewürler bileleşikleriniň, şol sanda ýaş telekeçileriň arasynda netijeli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna ýardam eder.

Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň, Özbegistanyň we Koreýa Respublikasynyň daşary işler ministrleri Merkezi Aziýa sebitini tehnologik hem-de işgärler alyşmalaryny ornaşdyrmagyň öňdebaryjy koreý tejribesini dürli ulgamlarda ulanmak arkaly Merkezi Aziýa sebitiniň durmuş-ykdysady ösüşini we abadançylygyny üpjün etmek maksady bilen, geljekki bilelikdäki işleriň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlediler.

Türkmenistanyň başlyklyk eden döwrüniň örän many-mazmunly bolandygyna hem-de öňünden meýilleşdirilen meýilnama laýyklykda, birnäçe iri çäreleriň geçirilendigine aýratyn üns çekildi. Şolaryň hatarynda «Logistikanyň häzirki zaman ulgamynyň döredilmegi hem-de Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň arasynda gatnawlary ýönekeýleşdirmek» mowzugy boýunça «tegelek stol» duşuşyklary, «Gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegini bermek boýunça täzeçil usullar we tejribe alyşmak» atly çäreler, «Merkezi Aziýada suw desgalaryny durnukly ösdürmek üçin suw serişdelerini dolandyrmak boýunça döredijilikli başlangyçlar» hem-de «Bilim bermekde innowasion çemeleşmeleri ulanmak» atly forumlar bar. «Data Centersi işläp taýýarlamak we döretmek boýunça ýaşlaryň barlaglary» forumy Türkmenistanyň başlyklyk eden döwrüniň jemleýji çäresi bolar.

Şunuň bilen birlikde, Merkezi Aziýada we Koreýa Respublikasynda durnukly geljegi kemala getirmekde ýaşlaryň ägirt uly mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek arkaly hyzmatdaşlygyň 2023-nji ýylda utgaşykly özara hereketleriň baş wezipesi hökmünde kesgitlenendigi bellenildi. ■ 2

## Türkmen telekeçilerine uly goldaw berilýär



Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň hususy ulgamyny ösdürmek, häzirki zamanyň bazar usullaryny giňden ornaşdyrmagyň hasabyna onuň eýeleýän ornuny ýokarlandyrmak, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak hormatly Prezidentimiziň alyp barýan giň gerimli syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu babatda durmuşa geçirilýän çäreler türkmen telekeçileriniň öňünde dürli ulgamlarda ýokary netijeleri gazanmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Döwlet Baştutanymyz ykdysadyýetiň hususy pudagyna uly serişdeleriň goýlandygyny, telekeçileriň bolsa döwlete degişli bolmadyk ulgamyň gerimini giňeltmek işinde möhüm orun eýeleýändiklerini, bazar ykdysadyýeti şertlerinde hususy telekeçiligiň işini ösdürmäge we höweslendirmäge aýratyn üns bermegiň zerurdygyny belleýär. ■ 3

## Hazar deňzi boýunça ylmy-barlag instituty döretdiler



Gazagystanda Hazar deňziniň daşky gurşaw meselelerini öwrenmek maksady bilen ylmy-barlag instituty döretdiler. Bu barada Respublikanyň suw serişdeleri we suwaryş ministrliginiň metbugat gullugy habar berdi. ■ 4

## Dünýäniň iň uly meteoridi



Häzire çenli geçirilen barlaglarda Ýerden başga planetada ýa-da başga bir asman jisiminde ýaşaýşyň bardygy barada subutnama tapylmady. Şeýle bolansoň, Ýer üstünde ýaşaýyş bolan ýeke-täk planeta hasaplanýar. ■ 5

## 3-nji aýlawa badalga berildi



Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 3-nji aýlawa badalga berlip, 19-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Merwden» 6-0 hasabynda üstün çykdy. ■ 7

## Messiniň 8-nji «Altyn top» baýragy



Dünýä belli «France Football» žurnaly tarapyndan berilýän iň abraýly baýrak hasaplanýan «Altyn top» (Ballon d'Or) baýragynyň bu ýylky eýesi Parižde geçirilen dabarada mälim edildi. ■ 8

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI ARKADAG ŞÄHERINE IŞ SAPARYNY AMALA AŞYRDY



*1-nji noýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz täze şäheriň ikinji tapgyrynda gurulmagy meýilleşdirilýän dürli maksatly binalaryň şekil taslamalary we gurluşygy alnyp barylýan metjidiň bezeg işlerinde ulanyljak serişdeleriň görnüşleri bilen tanyşdy.*

Ir bilen türkmen halkynyň Milli Lideri Köpetdagyň etegindäki gözel künjekde bina edilen täze şäheriň metjidiniň gurluşygynyň dowam edýän ýerine geldi. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow hem-de Arkadag şäheriniň häkimi Ş.Durdylyýew garşyladylar.

Gahryman Arkadagymyz, ilki bilen, Arkadag şäheriniň täze metjidiniň gurluşygynda ulanylýan serişdeler hem-de onuň bezeg işleriniň özboluşly aýratynlyklaryna degişli taslamalar bilen tanyşdy.

Gurluşygyna badalga berlen metjidiň umumy meýdany 12,9 gektara barabar bolup, onuň gurluşygynda häzirki zamanyň iň täze usullary we ösen tejribesi işjeň ulanylýar.

Hormatly Arkadagymyz häzirki döwürde dürli ugurlarda giň möçberli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini aýdyp, her bir desganyň täze şäheriň binagärlik keşbi bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirmegine zerur üns bermelidigini tabşyrdy. Munuň özi amatlylyk, oňaýlylyk bilen bir hatarda, binalaryň bezeg babatda häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelmegini şertlendirýär.

Şeýle hem bu ýerde Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda gurulmagy meýilleşdirilýän binalaryň taslamalary görkezildi. Olaryň hatarynda täze şäheriň «Saglyk» seýilgähiniň şekil taslamasy, täze seýilgähiň çäginde oturdylmagy meýilleşdirilýän baglaryň görnüşleri, seýilgähiň yşyklandyryş ulgamynyň görnüşleri, suw çüwdürimlerine degişli taslamalar bar. Mundan başgada, bu ýerde Arkadag şäheriniň Gorjaw etrap häkimliginiň edara binasynyň, muzeý binasynyň, saglyk öýüniň, Awtotoplumyň we bellige alyş nokadynyň, demir ýol menziliniň, Ýangyna garşy göreş gullugynyň, söwda we hyzmat ediş toplumynyň, ähli amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlarynyň, «Arkadag» futbol toparynyň ýörite nyşanlarynyň teklip edilýän görnüşleri görkezildi.

Hormatly Arkadagymyz görkezilen taslamalar bilen tanyşlygyň barşynda olara birnäçe bellikleri aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Şunda ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi, desgalaryň bellenen möhletlerde ulanmaga berilmegi, milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribeleriniň utgaşdyrylmagy möhüm talap bolup durýar. Munuň özi täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň talabalaýyk bolmagynyň wajyp şertini emele getirýär.

Milli Liderimiz Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň çäginde ýerine ýetiriljek gurluşyk işlerine häzirki zamanyň öňdebaryjy gazananlarynyň işjeň ornaşdyrylmalydygyny belledi we döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, innowasion tehnologiýalaryň netijeli ulanylmalydygyny, meýilleşdirilen ähli işleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine möhüm ähmiýet berilmelidigini aýtdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Arkadag» futbol topary üçin niýetlenen nyşanlaryň görnüşleri bilen tanşyp, olarda milli sportuň ösdürilmeginde, aýratyn-da, ýaşlaryň ýokary netijeli sporta çekilmeginde, türkmen futbolynyň ösüşiň ýokary derejesine çykmagynda ähmiýeti bolan many-mazmunyň öz beýanyny tapmalydygyny belledi. Bu nyşanlar türkmen türgenleriniň buýsanjyna öwrülmelidir.

Soňra Gahryman Arkadagymyz bu ýerde Germaniýanyň ýurdumyzda saparda bolýan öňdebaryjy kompaniýalarynyň wekilleri bilen duşuşdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Germaniýanyň iri kompaniýalarynyň ýolbaşçylaryny Türkmenistanda görýändigine şatdygyny aýdyp, soňky ýyllarda türkmen-german gatnaşyklarynyň ösüşiň täze derejesine çykandygyny kanagatlanma bilen belledi.

GFR-iň «Edison Technologies» kompaniýasynyň baş direktoryndan, «Team-technick» kompaniýasynyň satuw boýunça wise-prezidentinden, «Reifenhäuser» kompaniýasynyň satuw boýunça menejerinden ybarat toparyň wekilleri ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Türkmenistanda bolmagyň we türkmen halkynyň Milli Lideri bilen duşuşmagyň özleri üçin uly hormatdygyny nygtadylar hem-de daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň netijeli işi ugrunda zerur şertleriň üpjün edilen ýurdunda amala aşyrylýan özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine gyzyklanmalaryny beýan etdiler.

Myhmanlar Germaniýanyň dünýä belli kompaniýalarynyň 20-ä golaýyny özünde jemleýän konsorsiuma wekilçilik edýändiklerini aýdyp, Türkmenistan bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna uly gyzyklanma bildirýändiklerini nygtadylar we Arkadag şäherinde bina ediljek lukmançylyk serişdelerini öndürýän toplumyň gurluşygyna gatnaşmagyň özleri üçin uly hormat boljakdygyny bellediler. Şeýle hem iri kompaniýalaryň ýolbaşçylary gurulmagy meýilleşdirilýän önümçilik toplumlary üçin hünärmenleri taýýarlamagyň mümkinçilikleri barada aýtdylar.

Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän önümçilik toplumlarynyň gurluşygynda dünýäniň ösen tejribesiniň, häzirki zamanyň täzeçil tehnologiýalarynyň ulanylmagyna zerur üns berilýändigini belläp, Gahryman Arkadagymyz bu ugurda öňde goýlan wezipeleriň yzygiderli we üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň esasynda iň döwrebap «akylly» şäheriň kemala gelendigini aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda dürli ulgamlary öz içine alýan türkmen-german hyzmatdaşlygynyň okgunly ösdürilýändigine kanagatlanma bildirildi.

# «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumy geçirildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Munuň özi bilelikdäki tagallalaryň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň geljek ýyllarda hyzmatdaşlygynyň baş ugurlaryny öz içine alýan durmuşa ukyply, amala aşyrylyp bilinjek gün tertibiniň işlenip taýýarlanylmagyna gönükdirilendigini açyp görkezýär. Şunda ýaşlaryň orny, olaryň mümkinçilikleri, gujur-gaýraty hem-de häzirki wagtda kemala gelýän dünýägaraýyş ýörelgeleri aýgytlaýjy ähmiýete eýedir.

Çykyşlarda alty ýurduň durnukly ösüşiniň kemala gelmeginde ýaşlaryň mümkinçiliklerini olaryň milli meýilnamalary we maksatnamalary amala aşyrmaga işjeň gatnaşmagy, şeýle hem halkara ýaşlar hyzmatdaşlygyny giňeltmek arkaly durmuşa geçirmek mümkindir diýen umumy pikir beýan edildi. «Ýaşlar – 2030», «Serhetsiz nesil», «Bütindünýä mirasynyň meýletinçileri», «Ählumumy ýaşlar bileleşigi» ýaly ählumumy başlangyçlar bu hyzmatdaşlygyň binýady bolup biler. Şunuň bilen baglylykda, ýakyn geljekde ýaşlar ugry boýunça gatnaşyklary pugtalandyrmakda bilelikdäki işleri utgaşdyrmagyň hem-de Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlyk Strategiýasyny işläp taýýarlamagyň maksadalaýyk boljakdygy nygtaldy. Bilim, ylym, medeniýet, sport ulgamy şol strategiýanyň esasy düzüm bölekleri hökmünde görkezildi we birnäçe anyk teklipler beýan edildi.

Ykdysady ulgamda hyzmatdaşlygyň altytaraplaýyn formatyň ileri tutulýan wezipeleriniň biri bolup durýandygy bellenildi. Koreýa Respublikasynyň işewürlik düzümleriniň Merkezi Aziýada iş alyp barmagy, dürli ulgamlarda bilelikdäki taslamalaryň amala aşyrylmagy sebitiň ösdürilmegine düýpli we oňyn täsirini ýetirmäge, giň hem-de özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyk üçin täze mümkinçilikleri açmaga ukyplydyr.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri bilelikdäki hereketleriň umumy ugruny hem-de mazmunyny häsiýetlendirmek bilen, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli boljakdygyna ynam bildirdi. Munuň özi «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk formatyny berkidýär we baýlaşdyrýar.



Çykyşlarda biziň döwletlerimiziň halklaryny birleşdirýän gadymy taryhy we medeni gatnaşyklaryň, bu döwletleriň binýatlaýyn gymmatlyklarynyň, ahlak ýörelgeleriniň meňzeşliginiň döwletara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin möhüm şert bolup durýandygyna üns çekildi.

Forum ýurdumyzyň Bilim, Saglygy goraýyş we derman senagaty, Medeniýet ministrliklerinde, Obasenagat toplumynda, «Türkmendemirýollary» we «Türkmenaragatnaşyk» agentliklerinde aýry-aýry bölümlerde dowam etdi. Soňra ulag we logistika, saglygy goraýyş, lukmançylyk, howanyň üýtgemegi we daşky gurşawy goramak, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary, bilim we ylym, syýahatçylyk boýunça geçirilen kiçi mejlisleriň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň bu ugurlarda netijeli gatnaşyklary giňeltmek mümkinçiliklerine garaldy, anyk teklipler öňe sürüldi.

Bellenilişi ýaly, şu gezekki forumyň ahyrynda bu çärede öňe sürlen pikirleriň köpdürlüligine garamazdan, olaryň ählisi bilelikdäki işi mundan beýläk-de kämilleşdirmek, bu gatnaşyklara täze itergi, täze güýç bermek maksady bilen birleşendir. Häzirki wagtda foruma gatnaşýan döwletleriň hyzmatdaşlyga öz çemeleşmelerinde eýýäm kemala gelen anyk hyzmatdaşlyk ýörelgelerine, milli ykdysadyýetleriň, durmuş, ynsanperwer, ylym, bilim ulgamlarynyň ösdürilmegi, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň halklarynyň has-da ýakynlaşmagy üçin möhümdigine göz ýetirmäge daýanýandyklary bellenildi.

Forumyň jemleri boýunça daşary işler ministrleriniň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi, şeýle hem «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumynyň Sekretariatynyň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamasy tassyklanyldy. Şeýle formatdaky forumyň indiki mejlisini geljek ýylda Koreýa Respublikasynda geçirmek meýilleşdirildi.

* * *

Şeýle hem şol gün 16-njy hyzmatdaşlyk forumynyň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň ýaş telekeçileriniň işewürlik forumy geçirildi.

# MAGLUMAT TEHNOLOGIÝASY

Maglumat tehnologiýalary çykdajylary azaltmak we maglumat işini netijeli guramak üçin döredildi. Maglumat tehnologiýalary ilkinji maglumat ulgamlarynyň döremegi bilen birlikde 1960-njy ýyllarda ösüp başlady. IBM kompaniýasy 1956-njy ýylda ilkinji gaty diski çykarýar.

Maglumat tehnologiýasy maglumatlary dolandyrmak üçin zerur bolan ähli çeşmeleri, esasan hem, maglumatlary döretmek, saklamak, dolandyrmak, geçirmek we almak üçin zerur bolan kompýuterler, programma üpjünçiligi we torlary öz içine alýar. Maglumat tehnologiýalaryny şu toparlara bölmek bolar: tehniki serişdeler, aragatnaşyk gurallary, guramaçylyk we usulyýet goldawy we standartlaşdyrma.

2000-nji ýyllaryň başyna çenli telefon ulgamyna birikdirilen modemi ulanmak bilen kompýuteriň internete birikmeginiň esasy usuly bardy. Häzirki wagtda modemler giň zolakly tehnologiýalary bilen çalşylýar.

Bilim ulgamynda maglumat tehnologiýasy häzirki wagtda jemgyýetiň maglumat siwilizasiýasyna geçmegi üçin zerur şertdir. Döwrebap tehnologiýalar we telekommunikasiýa okuw işini guramagyň häsiýetini üýtgetmäge, okuwçyny maglumat we bilim gurşawyna doly özleşdirmäge, bilimiň hilini ýokarlandyrmaga we maglumatlary kabul etmek we bilim almak işine itergi bermäge mümkinçilik berýär.



Elektron resminamalar bilen işlemek maglumatlara we faýllara yzygiderli gözegçilik etmegi talap edýär. Maglumatlaryň gurluşyny, funksiýalaryny ygtybarly saklamak, düzmek, gaýtadan işlemek we çykarmak üçin döredilen «Maglumatlar binýady» dolandyryş ulgamlaryň wezipelerini jikme-jik ýerine ýetirýän, biri-birine bagly we belli bir usul bilen guralan ýygyndydyr.

Her bir edara-kärhananyň wezipeleri, öňde goýýan maksatlary, çyzgysy giň maglumat çeşmesine öwrülýär we olar maglumat binýadynda jemlenýär. Maglumatlar binýady ähli edara-kärhanalaryň maglumat faýllaryny ýygnap, kompýutere girizýän ýeke-täk we uly elektron resminama giňişligidir.

Maglumatlar binýady dolandyryjy maglumatlary gorap saklamaga, olaryň howpsuzlygyny we bitewüligini üpjün etmäge jogapkär bolup durýar. Maglumatlar binýady ygtybarlylygyň, elýeterliligiň we howpsuzlygyň ýokary derejesini şertlendirýär.

**Mekan ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Satuwy ýokarlandy

Ýaponiýanyň «Toyota» kompaniýasynyň global satuwy aprel-sentýabr aýlaryny öz içine alýan alty aýyň dowamynda 8,3 göterim artyp, 5,6 million birlige ýetipdir. Maliýe ýylynyň ilkinji alty aýy bolan bu döwürde ýapon kompaniýasy global hyzmatdaşlary «Daihatsu» hem-de «Hino» brendleri hem goşulanda ösüş 10 göterim bolup, 5,7 million birlige ýetipdir.



«Toyota» we «Lexus» awtoulaglarynyň satuwy Afrikada 22 göterim artyp, dünýäniň beýleki sebitlerinden görnetin tapawutlanypdyr. Ýakyn Gündogar ýurtlarynda 17 göterim, Demirgazyk Amerikada 9,4 göterim we Ýewropada 7 göterim ösüş hasaba alnypdyr. «Toyota»-nyň elektroulag satuwy bolsa, degişli döwürde 38 göterim artyp, 1,8 milliona ýetipdir.

**Hojamuhammet HOJAMUHAMMEDOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Wodorod energiýasy özleşdirilýär

Niderlandlar, Germaniýa we Belgiýa senagat merkezleriniň arasynda wodorod geçirijisini gurup başlady. Bu barada tebigy gaz infrastrukturasyny gurmak we dolandyrmak bilen meşgullanýan «Gasunie» kompaniýasy habar berýär. Bahasy 1,5 milliard ýewro boljak taslamanyň birinji tapgyryny «Visser & Smit Hanab» atly kompaniýa durmuşa geçirer. 2030-njy ýyldan başlap, Germaniýanyň we Belgiýanyň käbir ýerleri, şeýle hem Niderlandlaryň köp ýeri bir bitewi ulgama birikdiriler.



Soňky ýyllarda Ýewropa ýurtlarynda arassa energiýa hökmünde wodorod ýangyjyna aýratyn üns berilýär. Geçen ýylyň ahyrynda Ýewropa Bileleşigi, Fransiýa, Ispaniýa we Portugaliýa Liberiýa ýarym adasyndan Fransiýa H2Med suwasty wodorod gaz geçirijisini döretmek maksady bilen ýol kartasy barada ylalaşypdylar.

**Döwletjan HATAMOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Täze paýtagtyň howa menzili gurlar

Indoneziýa köp ýyldan bäri paýtagtyny başga şähere göçürmegiň aladasyny edýär. Ýurduň täze dolandyryş merkezi boljak Nusantara şäherinde howa menziliniň düýbi tutuldy. Howa menziliniň geljek ýylyň dekabr aýynda açylyp ulanmaga berilmegine garaşylýar. Täze şäheri döretmek üçin 32 milliard dollarlyk maýa goýumyň gerekdigi bellenilýär. Täze howa menzili 347 gektar meýdany eýelär. Şeýle hem täze şäherde umumy bahasy 784 million dollar bolan 10 sany beýleki taslamalaryň hem gurluşygyna badalga berler. Dünýäniň iň köp ilatly dördünji ýurdy bolan Indoneziýanyň häzirki paýtagty Jakarta Ýawa adasynda ýerleşip, 11 milliona golaý ilaty bar. Nusantara şäheri Borneo adasynda ýerleşýär. Paýtagty göçürmek bilen bagly işlere 2019-njy ýylda girişilipdi. Emma pandemiýa sebäpli käbir taslamalar yza süýşürilipdi.



Ýurtda Jakartanyň ilatynyň yzygiderli artmagy we infrastrukturanyň ýetmezçilik etmegi sebäpli täze şäher gurmak kararyna gelnipdi.

**Aýnabat ATAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Ýylyň sözi saýlandy: emeli aň

«Collins Dictionary» iňlis dili sözlügi her ýyl bolşy ýaly, bu ýyl hem «ýylyň sözüni» saýlady. Şeýlelikde, AI (artificial intelligence - emeli aň) adalgasy 2023-nji ýylyň sözi saýlandy. Bu barada sözlügiň resmi saýtynda berilýän habarda emeli aňyň kompýuter programmalaryny ulanyp, adamyň akyl funksiýalaryny modellemegi aňladýan adalgadygy bellenilýär. Sözlügi döredijiler emeli aňy geljekki tehnologik öwrülişigiň bir pudagy hasaplaýandyklaryny we ol barada 2023-nji ýylda köp gürrüň edilendigini aýtdylar.

Sözlük 2013-nji ýyldan bäri dilçilerden we beýleki hünärmenlerden düzülen emin agzalary bilen ýylyň sözüni saýlaýar.

**Döwletgeldi ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Antarktikada üçünji bekedini açar

Hytaý Antarktikada täze ylmy-barlag merkezini gurar. Bu maksat bilen «Xuelong» we «Xuelong-2» atly buz döwüji gämileri Şanhaýdan Antarktika tarap ugur aldy. Ýurt günorta polýusyň gündogaryndaky



Ross deňziniň kenarynda täze tejribe merkezini gurar. Merkeziň gurluşygy üçin gerek bolan materiallara ýüklenen «Tienhui» gämisi hem başga bir portdan ýola düşüp buz döwüjilere goşular. Merkeziň gurluşygynyň geljek ýylyň fewralynda tamamlanmagyna garaşylýar. Bu merkez Hytaýyň sebitdäki üçünji hemişelik ylmy-barlag merkezi bolar. Bu ýerde zähmet çekjek hünärmenler howanyň üýtgemeginiň sebitiň ekoulgamyna täsirlerini öwrenerler. Bu ekspedisiýa ýurduň 80 edarasyndan 460 hünärmen gatnaşýar. Tejribe merkezi 5 müň 244 inedördül metr meýdanda gurlar. Hytaýyň Antraktikanyň günbataryndaky Fildes ýarym adasynda Hytaý diwary bekedi we günbataryndaky Prýuds aýlagynda Sun Ýatsen adyndaky bekedi bar. Şeýle hem Hytaýyň Antarktikanyň içki böleklerinde iki sany wagtlaýyn bekedi bolup, diňe tomus aýlarynda (bizde gyş aýlaryna gabat gelýär) ulanylýar.

**Jeýhun GELDIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Arassa energiýa tehnologiýalarynyň önümçiligi artar

Halkara Energiýa Agentliginiň ýolbaşçysy arassa energiýa tehnologiýalary önümçilik döwrüniň başlandygyny mälim etdi. Ýewropa parlamentinde arassa energiýa bagyşlanan maslahatda çykyş eden Birol Gün panelleri, ýel turbinalary, kiçi reaktorlar we elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar ýaly arassa energiýa tehnologiýalarynyň geljeginiň uludygyny belläp, bu ugurda bäsdeşligiň bardygyna ünsi çekdi. Birol arassa energiýa tehnologiýasynyň önümçiliginde Hytaýyň öňde barýandygyny belläp, dünýäde öndürilýän Gün panelleriniň hem-de batareýalarynyň 80 göteriminiň bu ýurtda öndürilýändigini aýtdy. Geçen ýyl bolsa, ABŞ-da arassa energiýa tehnologiýalaryna goldaw berýän kanun güýje girizildi. Ýewropada hem «nol emissiýa» senagatyna degişli kanun çykarylmagy göz öňünde tutulýar. Hindistan, Indoneziýa we Kanada ýaly dünýäniň beýleki ýurtlarynda hem bu ugurda iş alnyp barylýar.



Golaýda Halkara Energiýa Agentligi energiýanyň geljegi barada maglumat ýaýratdy. Şol maglumatda dünýäde gazylyp alynýan energiýa serişdelerine bolan islegiň 2030-njy ýyldan öň iň ýokary derejä çykjakdygy, şondan soňra azalyp başlajakdygy bellenipdi. Birol iki ýyl ozal satylan her 25 ulagdan biriniň elektrik energiýasy bilen işleýändigini, häzirki wagtda bäşden biriniň elektrik energiýasy bilen işleýändigini mysal getirdi. Onuň sözlerine görä, 2030-njy ýylda adaty ýangyçly ulaglar bilen elektroulaglaryň satuwy deňeçer bolar.

**Hojaberdi JEPBAROW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 3-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112749
Belgisi: 44/1558
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# TÜRKMEN TELEKEÇILERINE ULY GOLDAW BERILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Häzir ykdysadyýetini bazar gatnaşyklary ýörelgelerinde ýola goýýan ýurdumyzda halk hojalyk toplumynyň bu ulgamyny netijeli hem-de depginli ösdürmek üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe, durmuş şertleri döredildi. Munuň özi telekeçiligiň, salgyt ulgamynyň hukuk esaslarynyň kämilleşdirilmeginde, eksport-import amallaryny geçirmegiň, ýer böleklerini bermek düzgüniniň ýönekeýleşdirilmeginde, ýeňillikli karz bermekde we telekeçiler üçin karz, gümrük hem-de söwda amallaryny resmileşdirmek işleriniň ýeňilleşdirilmeginde beýanyny tapýar.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň çäklerinde daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň önümçiligini artdyrmak, ýurdumyzyň eksport harytlarynyň möçberini köpeltmek, elektron senagaty döretmek boýunça maksatnamalar netijeli durmuşa geçirilýär. Olaryň amala aşyrylmagyna TSTB-niň agzalary mynasyp goşant goşýarlar. Şunuň bilen baglylykda, bu guramanyň döredilen gününe gabatlanyp, her ýyl geçirilýän Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň gazananlarynyň sergisini ýatlap geçmek gerek.

Telekeçiler söwdanyň pugtalandyrylmagyna ýardam berýärler we öňlerinde goýlan maksada ýetmäge ymtylýarlar.

Baky Bitarap ýurdumyzyň alyp barýan «Açyk gapylar» syýasatynyň çäklerinde Diýarymyzyň telekeçilerine daşary ýurtlaryň işewürleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek üçin uly mümkinçilikler döredilýär. Bütindünýä Söwda Guramasynda Türkmenistanyň işjeň synçy derejesiniň bolmagy ýurtda önümçilik düzümlerini ösdürmäge, eksport mümkinçilikleri artdyrmaga, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge we halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna has işjeň goşulyşmaga uly mümkinçilikleri açýar.

Türkmen telekeçileriniň öňünde täzeçil tehnologiýalaryň, sanly ulgamlaryň



ornaşdyrylmagy, Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda kesgitlenen çäreleri, şol sanda iri döwlet buýurmalaryny hem-de maýa goýum taslamalaryny ýerine ýetirmek boýunça işleri durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly täze wezipeler durýar.

Ýurdumyzyň telekeçiliginiň geljek üçin uly maksatlary bar. Netijeli döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň işlenip taýýarlanylan we hemişe kämilleşdirilýän usullary bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň kesgitlän möhüm wezipelerini çözmek işi öňde durýar. Şol usullar olary üstünlikli amala aşyrmagyň ygtybarly kepili bolup hyzmat edýär.

Ýurdumyzda söwda ulgamynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi, döwrebap bazar gurallarynyň giňden ornaşdyrylmagynyň hasabyna hususy ulgamyň eýeleýän ornunyň pugtalandyrylmagy hormatly Prezidentimiziň alyp barýan durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Telekeçiler hyzmat ediş ulgamynyň we söwdanyň ösdürilmegine maýa goýumlaryny goýýarlar, ilata giň gerimli durmuş, mahabat hem-de neşirýat hyzmatlaryny hödürleýärler.

Biziň «Galam» dükanymyz hem indi birnäçe ýyl bäri kanselýariýa harytlary, okuw esbaplary, baýramçylyklar we belli seneler, Täze ýyl baýramy üçin sowgatlyklar satylýan iň uly dükanlaryň biri bolup, ilatymyza ýokary derejede hyzmat edip gelýär hem-de ýyl-ýyldan öz işini kämilleşdirip, hyzmatlaryň gerimini giňeldýär.

Hemmetaraplaýyn goldaw berilmegi netijesinde ýurdumyzyň telekeçiligi önümçilik we önümçilik däl ulgamlarda, eksport babatda, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň önümçiliklerini ösdürmekde oňaýly mümkinçiliklere eýedir.

**Baýram ÖWLÝAGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, telekeçi.*

# DOST-DOGANLYGYŇ NUSGASY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Häzirki wagtda döwletleriň ikisi-de parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty durmuşa geçirýärler, ählumumy asudalyk we howpsuzlyk ýörelgelerine, şeýle hem durmuş-ykdysady ösüşe berk ygrarlydyklaryny görkezýärler.

Hormatly Prezidentimiziň 25-26-njy oktýabrda Türkiýe Respublikasyna amala aşyran ilkinji resmi sapary türkmen-türk gatnaşyklarynyň has-da pugtalandyrylmagynyň Türkiýe Respublikasynyň milli baýramynyň 100 ýyllygynyň öňüsyrasynda türkmen-türk dostlugynyň mizemezdiginiň nobatdaky nyşanyna öwrüldi.

Iki ýurduň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 29-njy fewralynda ýola goýuldy. Geçen döwürde iki ýurduň arasynda giň gerimli özara hereketleriň baý hem oňyn tejribesi toplanyldy. Onuň esasyny döwletara, hökümetara we pudagara derejelerde gol çekilen hem-de hyzmatdaşlygyň wajyp ugurlaryny öz içine alýan ikitaraplaýyn şertnama-hukuk resminamalarynyň giň toplumy düzýär. Şu gezekki saparyň çäklerinde gol çekilen 13 ylalaşyk hem iki ýurduň şertnamalaýyn-hukuk binýadynyň üstüni ýetirdi.

Türkmenistanyň we Türkiýe Respublikasynyň Liderleriniň arasyndaky ýokary derejedäki netijeli gepleşikler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ugurlaryny has berkitdi, gatnaşyklaryň täze ugurlaryny kesgitledi. Dürli derejelerdäki syýasy gepleşikler bilen bir hatarda taraplar söwda-ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegine we medeni-ynsanperwer ugurda hyzmatdaşlygyň mundan beýläk hem çuňlaşdyrylmagyna ygrarlydyklaryny görkezýärler. Şunuň bilen baglylykda, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-türk hökümetara toparynyň alyp barýan işleri ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kadalaşdyrýan ulgam bolup hyzmat edýär.



Türkmen-türk söwda gatnaşyklarynyň möçberini 5 milliard dollara ýetirmek maksat edinilýär. 2022-nji ýylda söwda dolanyşygynyň möçberi 2,1 milliard dollara barabar bolan bolsa, 2023-nji ýylda bu görkezijiniň 3 milliard dollara golaýlamagyna garaşylýar. Şeýle hem Türkmenistan türk potratçylyk kompaniýalarynyň iň köp iş alyp baran ýurdudyr. Häzirki wagta çenli türk kompaniýalarynyň Türkmenistandaky taslamalarynyň möçberi 50 milliard dollardan geçdi. Türk kompaniýalary Türkmenistanda 2 müňe golaý dürli taslamalary amala aşyrdy. Iki ýurduň hususy pudagynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň hem ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Şonuň netijesinde şu gezekki saparyň çäklerinde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi bilen Türkiýe Respublikasynyň Kiçi we orta kärhanalary ösdürmek we goldaw bermek baradaky guramasynyň arasynda Hereketleriň meýilnamasyna gol çekilmegi bu gatnaşyklaryň has-da ösdürilmegi üçin binýat boldy. Türkmenistan we Türkiýe Respublikasy Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde hem netijeli özara hereket etmek arkaly, häzirki döwrüň wajyp meseleleri boýunça garaýyşlarynyň umumylygyny ýa-da meňzeşligini görkezýärler. Soňky ýyllarda ýurdumyz dünýä syýasatynyň gün tertibiniň möhüm meseleleri, şol sanda energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, ulag-logistik ulgamy ösdürmek, daşky gurşawy goramak, söwda-ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmak ýaly möhüm ugurlarda halkara başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edýär.

Türkmenistanyň we Türkiýäniň sebitiň ösüşi bilen bagly meseleler boýunça hyzmatdaşlygy ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Şunda Türki Döwletleriň Guramasyna hem aýratyn ähmiýet berilýär. Işjeň türkmen-türk gatnaşyklarynyň mysaly hökmünde iki ýurduň Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerindäki özara hereketlerini hem görkezmek bolar.

**Ýaran AKMÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# EKOLOGIÝA ABADANÇYLYGY – DÖWRÜŇ TALABY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýurdumyzda tebigaty goramak, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, tebigy serişdeleri aýawly saklamak döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurlardyr. Şundan ugur almak bilen, tebigaty asyl durkunda geljekki nesillere ýetirmek we ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek babatda oýlanyşykly işler amala aşyrylýar. Uzak we ýakyn ýyllary nazarlaýan maksatnamalarda hem bu ugurda toplumlaýyn çäreler göz öňünde tutulandyr. Ýaşyl zolaklary döretmek bilen, tebigy gurşawyň arassalygyny we abadançylygyny üpjün etmekde, Diýarymyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamakda, baýlaşdyrmakda, suw serişdelerini rejeli peýdalanmakda alnyp barylýan işleriň uludygyny belläp geçmek gerek.

Şunuň bilen baglylykda, her ýyl ýurdumyzda ählihalk bag ekmek dabarasy geçirilýär. Bu ählihalk çäresi ýurdumyzda ýylyň dowamynda 2 gezek geçirilip, onuň çäklerinde täze nahallaryň millionlarçasy ekilýär, bar bolanlaryň idegi edilýär.

4-nji noýabrda nobatdaky ýaşyl ekologiýa çäresine, ýagny ählihalk bag ekmek dabarasyna badalga berler. 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde güýz paslynda geçirilýän ählihalk bag ekmek dabarasy ýurdumyzyň ähli künjeklerinde daşky gurşawyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Şu ýyl eziz Diýarymyzda 3 million saýaly, pürli, miweli agaçlaryň we üzümiň nahallaryny oturtmak göz öňünde tutulýar.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda bag nahallarynyň 30 milliony, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 25 ýyllygy mynasybetli 25 million nahal oturdylypdy.

Bu ählihalk hereketi Türkmenistanyň ekologiýa diplomatiýasynyň maksatlary bilen sazlaşykly utgaşýar we Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň «Gury ýeriň ekologik ulgamyny goramak we dikeltmek hem-de olaryň rejeli peýda-



lanylmagyna ýardam bermek, tokaýlary rejeli peýdalanmak, çölleşmä garşy göreşmek, ýerleriň zaýalanmagyny bes etmek we yzyna öwürmek hem-de biologik köpdürlüligiň ýitmegini bes etmek» diýlip bellenilen 15-nji Maksadyny durmuşa geçirmäge gönükdirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda oňyn ekologiýa şertleriniň döredilmegi, tokaýlaryň durnukly dolandyrylmagy hem-de olaryň biodürlüliginiň goralyp saklanylmagy boýunça toplumlaýyn maksatnama durmuşa geçirilýär. Bu ugurdaky milli kanunçylyk binýady has hem kämilleşdirilýär we halkara hyzmatdaşlygy işjeň ösdürilýär.

Daşky gurşawy goramagyň hukuk binýady hem kämilleşdirilip, bu ugurda döwrebap kanunlar kabul edilýär. «Tebigaty goramak hakynda», «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary muňa mysaldyr. Olar tebigaty goramagyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitlemek bilen, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, hojalyk we beýleki işleriň tebigy ekologik ulgamlara zyýanly täsiriniň öňüni almaga, biologik dürlüligi gorap saklamaga we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmaga, adamyň we jemgyýetiň ýaşaýşynyň möhüm bähbitlerini üpjün etmäge, daşky gurşawa antropogen we tebigy täsiriň netijesinde ýüze çykýan howpdan ony goramaga gönükdirilendir.

Mälim bolşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda häzirki döwrüň ýagdaýlary bilen baglylykda, ekologiýa, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegine garşy göreş hyzmatdaşlygyň derwaýys meseleleriniň biri hökmünde görkezildi. BMG-niň belent münberinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynda Merkezi Aziýadaky ekologik meselelere has düýpli we täsirli üns bermek üçin wagt ýetendigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan sebitiň ekologik meseleleri bilen bagly oňyn başlangyçlary öňe sürüp, şonuň bilen bir hatarda teklipleri girizdi.

**Hiwaly HÜMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# MAGTYMGULY PYRAGY – ERKANALYGYŇ WASPÇYSY

Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň özeni türkmeniň gadymy hem baý halk döredijiligidir. Halkyň dünýä hakyndaky oýlanmalary, dünýä düşünjeleri ähli çuňlugy we danalygy bilen şahyryň döredijiligine siňipdir. Ol öz ykbalyny bagyş eden işinde günbe-günden kämilleşip, öz döwrüniň ussat şahyry hökmünde halkyň söýgüsini gazanypdyr.

Şahyryň döredijiliginde onuň ýaşan döwrüne degişli ähli ugurlarda bolup geçýän ýagdaýlara çeper sözüň üsti bilen parasatly baha berilýär. Esasan hem, şahyryň döredijiliginde durmuşyň köp ugurlarynyň jemlenmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Muňa mysal edip, şahyryň watançylyk, ahlaklylyk, öwüt-nesihat, mertlik-namartlyk, söýgi temasynda we başga-da durmuşy meselelere bagyşlanýan goşgularyny görkezmek bolar. Magtymguly Pyragynyň goşgulary her bir türkmeniň öý-ojaklarynda mukaddes kitap bolup saklanylýar. Adam gam-gussaly bolan wagtynda şahyryň eserlerinden goşgy bentlerini okanda, misli şahyryň hut özüniň onuň ýanynda öwüt-nesihat berip duran ýaly duýmak bolýar. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň özboluşly aýratynlygynyň biri-de, çuňňur mana ýugrulan çeper goşgularynyň adamzada mahsus bolan gylyk-häsiýetleri özünde jemleýänligindedir.

Türkmen halkynyň şöhratly taryhynda, nusgawy edebiýatynda uly orun tutýan Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy egsilmez ruhy hazynadyr. Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň ruhy ganaty, şamçyragy hasaplanýar. Şahyr her bir ynsanyň kalbynda belent adamkärçilikli ýaşamagyň nusgasy hökmünde kabul edilýär. Şahyr adamkärçilige, ynsanperwerlige, watansöýüjilige ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda orun aldy.

Bagtyýar türkmen halky bu gün beýik akyldar, şirin dilli söz ussady Magtymguly Pyragynyň arzuwlan zamanasynda – ber-



karar döwletde ýaşamak bilen, nusgawy şahyryň döredijiligine, edebi mirasyna uly sarpa goýýar. Hormatly Prezidentimiziň 2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek bilen baglanyşykly Karara gol çekmegi hem munuň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi. Halkara derejesindäki ýokary guramaçylykly geçiriljek bu çäräniň dowamynda dürli medeni duşuşyklaryň, dabaralaryň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Ýurdumyzda Magtymguly Pyragynyň eserleriniň dürli dillere terjime edilmegi, dürli ýurtlarda ýadygärliginiň dikeldilmegi, edebi mirasynyň öwrenilmegi üçin hem uly tagallalar edilýär.

Ynsan gözelliginiň gözleginde. Gözelligi bolsa, görmek, duýmak gerek. Ol ruhy dünýäsini tebigatyň gözellikleri, sungat eserleri bilen baýlaşdyryp durýar. Türkmeniň beýik söz ussatlarynyň döreden ajaýyp eserleri ynsan kalbynyň gözellik çeşmesine öwrüldi. Ady dünýä dolan Gündogaryň akyldar şahyry, türkmen nusgawy edebiýatynyň düýbüni tutujy Magtymguly Pyragynyň döredijiligi gözelligiň merjenidir. Halkymyzyň söz sungatynyň kerwenbaşysy hasaplanýan nusgawy şahyrymyzyň eserleri hut ynsanyň ýüreginiň töründe orun eýeleýär. Sebäbi şahyryň döredijiliginiň özeni türkmeniň gadymy hem baý halk döredijiliginden gözbaş alýar.

Magtymguly edebi dili halk medeniýetiniň ösmeginiň hökmany şertleriniň biri hasaplapdyr. Şygyrlarynyň diliniň halka düşnükli bolmagy üçin çeperçilik serişdelerini ýerlikli ulanypdyr. Onuň şygyrlarynda halka düşnüksiz pikirlere, arap-pars sözlerine seýrek duşulýar. Halkyň diline daýanmak bilen, şahyr ondan dilewarlygy we sadalygy öwrenipdir. Bu bolsa akyldar şahyryň goşgularynyň höwes bilen okalmagyna sebäp bolýar.

Täze taryhy döwürde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň edebiýaty we sungaty ajaýyp ruhy gymmatlyga öwrüldi. Muny akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijiligi arkaly aýdyň görmek bolýar.

**Annabaý AGAÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# MILLILIGIŇ BELENT SARPASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýurdumyz uly ösüşlere beslenýär.

Bu gün ylym-bilimde, medeniýetdir sungatda we sportda ýurdumyzyň halkara abraýyny belende göterýän zenanlarymyza tutuş halkymyz guwanýar. Birleşen Milletler Guramasy ýaly abraýly halkara guramalar tarapyndan goldanylýan gender deňligi babatynda bolsa biziň ýurdumyz dünýäniň köp döwletine görelde bolup biler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatyna gatnaşmak üçin Hytaý Halk Respublikasyna iş saparynyň dowamynda ýanynda bolýan maşgalasy Ogulgerek Berdimuhamedowa we Ählihytaý zenanlar federasiýasynyň başlygy, Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Milli komitetiniň başlygynyň orunbasary Şen Ýueýue türkmen halylaryna we el işlerine bagyşlanan, halkymyzyň köptaraply zehininiň aýdyň nyşanyna öwrülen milli amaly-haşam sungatynyň hem-de döredijiliginiň, halk senediniň görnüşlerini dolulygyna şöhlelendirýän milli sergä gatnaşdy.

Köpöwüşginli sergi tutuş dünýäde uly meşhurlyga eýe bolan türkmen halyçylyk sungatynyň täsin we köptaraply ugurlary bilen tanyşmaga hem-de türkmen halkynyň özboluşly medeniýetiniň aýratynlyklaryna, milli däp-dessurlarynyň gelip çykyşyna düşünmäge ýardam berýär.

Türkmen gelin-gyzlarynyň dokan haly, kilim, keçe, torbadyr çuwallar, şeýle-de keşdelenen çyrpydyr kürteler, dokalan ýüpek matalar türkmen halkynyň genji-hazynasydyr, milli baýlygydyr. Türkmen kalbynyň joşgunyny, arzuw-hyýallaryny nagşy bilen halaysyna siňdiripdir.





Türkmeniň ak öýüniň içinden başlap, serpigidir durlugy, üzügi keçeler bilen bezelen bolsa, halydyr kilim, çuwaldyr torbalar öýüň içini owadan görkezipdir. Şonuň üçin türkmen halkynyň eli çeper zenanlarynyň dokan haly we haly önümlerini taryplaýan: «Edenine el ýetmez, dokanyndan suw ötmez», «Barmagy eriş ýüzer, nusgasy iller gezer» ýaly parasatly jümleler il içine ýaýrapdyr.

Aslynda, el hünäri bolan halyçylyk we keşdeçilik sungaty özüniň çuňňur manysy, pikir-garaýyşlaryň, arzuwlaryň, islegleriň siňdirilendigi bilen tapawutlanýar. Ussat zenanlaryň döreden el iş bezeglerinde ýaşaýşyň, bagtyň nyşanyny aňladýan nagyşlar çitilipdir.

Alaja işmek hem özboluşly hünär bolup, inçe hem nepis iş. Ilimizde: «Alaja aladyryn, nagşa läledirin» diýlişi ýaly, milli lybaslara, el işlerine, halydyr haly önümlerine aýratyn öwüşgin çaýýan alajanyň ak bilen gara sapaklardan işilmegine, örülmegine halkymyzda gije bilen gündiziň sazlaşygynyň beýany hökmünde garalýar.

Asyrlar aşyp, biziň günlerimize ýeten naýbaşy senetleriň biri-de eňsi dokamak sungatydyr. Özboluşlylygy, ajaýyplygy bilen, müňýyllyklardan miras galan bu zynatda milletiň beýik taryhy, gaýtalanmajak kämilligi, egsilmez buýsanjy bar. Alajalar milliligiň iň naýbaşysy hasaplanylýar. Alaja örmek gyzjagazlaryň ilkinji öwrenýän el işi bolansoň, bu ajaýyp sungat olarda uly gyzyklanma döredýär. Alajalar ak bilen gara ýa-da dürli reňkli sapaklardan örülip, ynsan durmuşyny, milli lybaslary bezeýän nepis sungatdyr. Aýratynam, alajalaryň dürli görnüşleri durmuşa çykýan gyzlaryň elbukjasyna, saçyna, ýakasyna gelşik berýär.

**Ejegül RUSLANOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# GOPUZ ALYP, BEÝIK NAGRA ÇALDYRSAM

Gopuz türkmen halkynyň irki orta asyr milli saz gurallarynyň bir görnüşidir. Bu saz guralynyň aşaky tarapy üçburçluk şekilinde bolan, parallel uzalyp gidýän taraplary öz içine alýan, ortasyndan ujy gaňyrçakly, ýasyja polat zolajygyň kürede gyzdyrylyp kebşirlenilýän, demirden, polatdan edilýän dili, çirtilip çalnyýan, dem hem-de dodagyň kömegi bilen dürli öwüşginli owazlaryň alynýan saz guralydyr. Gopuzlar ölçegleri, atlandyrylyşy, göwrümi, ýasalyşy babatda tapawutlanýarlar. Gopuzyň müçesine, göwrümine görä, belentli-pesli dürli sesler alynýar. Gopuz çep eliň bilen iki dişiň arasynda çalaja gysylyp saklanýar. Soňra sag eliň süýem barmagy bilen onuň diljagazyna kakylýar. Gopuzdan agyz boşlugynyň, dodagyň, diliň kömegi bilen hem-de howa sorup çykarmagyň netijesinde dowamly heňler alynýar. Gopuz çalnanda ýeke kakuw, goşa kakuw, çalt kakuw, sazlaşykly kakuw arkaly şirin mukamlar döredilýär. Geçmişde gopuzlar tagmalanypdyr we olaryň iň meşhur görnüşleri gamyş gopuz, aýly gopuz, düwmeli gopuz, ýürekli gopuz, guşly gopuz, gelinbarmak gopuzy, şypaly gopuz diýen ýaly atlar bilen ýörgünli ulanylypdyr. Gopuz çalnanda sesiň belentligi agzyň açylyş-ýapylyş giňligine, dodaklaryň sazlaşykly hereketlerine bagly bolup, dodagy açygrak saklasaň, ses has dury we ýiti çykýar, ýumubrak saklasaň, ses goýalyp pessaýja çykyp, sesler agyz, bokurdak, gaňşyrawuk boşlugynda aýlanyp, özüne çekiji, jadylaýan heňlere öwrülýär. Demiňi güýçlendirmek ýa-da haýallatmak arkaly yzgiderli täsirli owazlary alyşlara ýetirip düşünişmekde gopuz geçmişde ähli hünär senetleriniň iň arzyly görnüşi hasaplanypdyr. Gopuzda her kimiň öz ussatlygyna, ukybyna baglylykda, ýüzugra 5-6 ses bilen dürli sazlary alyp bolýar. Oba gyz-gelinleriniň gopuzyň jadylaýjy owazy astynda läle kakýan täsirli parçalaryň waspy we



pursatlary dürli edebiýatlarda köp duş gelýär. Gopuzyň jadylaýjy ritmleriniň dury, labyzly, ýumşak sesi, takt, säginme, temp, ton, nota owazlary açyk ýaýlada asuda, dury howada gündizine 1000 metre, gijesine bolsa 1500-3000 metre çenli uzaklyga eşidilýär. Onuň heňleriniň özboluşlylygy orta asyrlarda hüjümleriň syrlaryny uzak aralykdan öňünden duýmakda, kerwenleriň argyşdan gelmegini buşlamakda, toý, göreş dessurlarynyň başlanmagynyň, maşgalada ekiz, üçem perzentleriň dünýä inmeginde, awçylygyň, yzçylygyň şowly ädimlerinde, mergenlikde, milli oýunlaryň ýeňijileri bilen bagly şatlykly habarlaryň ýaýramagynda ulanylypdyr. Geçmişde gopuzyň labyzly heňleri guşlaryň sesine, ýeňşi buşlaýan atlaryň aýaklarynyň dükürdisine, joşgunly bagşynyň hüwwüldili öýkünmelerine meňzedilipdir. Halk durmuşynda «Ak maýanyň ýoly», «At toýnagy», «Giýew-giýew», «Gelnalyjy getiren», «Mamamyň hüwdüsi», «Kerwen gelýär» ýaly gopuz sazlary has-da meşhurdyr. Alymlar «Uzuklar», «Näzikler», «Läleler», «Ýagma, bulut!», «Sona gelin» ýaly sazlaryň ilki gopuzda, soňra tüýdükde, soň bolsa dutara geçirilip çalnandygy belleýärler. Milli medeniýetimizde saz gurallarynyň halkasynyň göwher gaşy hasap edilýän gopuz sözi «gop» we «uz» diýen gadymy oguz sözünden gelip çykyp, bu leksik aňlatmanyň etimologik taýdan «belent owaz» diýmegi aňladýandygy edebiýatlarda bellenilýär. Gopuz Aziýa halklarynyň medeni durmuşyna giňden ýaýramak bilen olaryň dürli görnüşlerde atlandyrylýandygyny görmek bolýar. Orta asyr alymy Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat et-türk» («Türki dilleriň diwany») atly kitabynda gopuzyň türkmen medeni durmuşyndaky orny, manysy we ulanylyş ýerleri barada giňişleýin maglumat beýan edilýär. Milli muzeýlerimiziň hazynalarynda gopuzyň 10-dan gowrak görnüşini görmek bolýar. Ussadyň söýgi bildiren, durmuşdan ylham alyp döreden edebi sapaklaryny, edebi ösüşleriň taryhyna goşan beýik hyzmatlaryny öwrenmek biziň her birimiziň borjumyzdyr.

**Maýsa PÄLWANOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde



**Swift milliarder boldy.** Aýdymçy Teýlor Swiftiň «The Eras Tour» atly dünýä saparynyň şowly bolandygy sebäpli baýlygy 1 milliard dollardan geçdi. Swiftiň konsertleri şu ýylyň martynda ABŞ-da başlanyp, Latyn Amerikasynda dowam etdi. Onuň şu ýyl ABŞ-daky 53 konserti ýurduň ykdysadyýetine 4,3 milliard dollar goşdy.



**Çepbekeýleriň ýaşaýan ýurtlary.** Alymlar haýsy ýurtda çepbekeýleriň azdygyny ýada köpdügini anykladylar. Netijede, iň köp çepbekeýiň Niderlandlarda ýaşaýandygy belli boldy, olaryň sany ýurduň ilatynyň 12,95%-ini tutýar. Çepbekeýleriň iň az ýaşaýan ýurdy bolan Hytaýda ilatyň 2,64%-i çep elini ulanýar.



**Oýlanyp tapylan iň gowy önüm.** 2023-nji ýylyň iň gowy oýlanyp tapylan önümleriniň biri hem Italiýanyň Tehnologiýa instituty tarapyndan işlenip düzülen, iýip bolýan, zarýad berilýän kiçijik batareýadyr. Badam, kapers we deňiz ösümlikleri ýaly önümlerden ýasalan batareýa geçen ýyl oýlanyp tapyldy.



**Latyn elipbiýine geçiler.** Gazagystan ýene alty ýyldan latyn elipbiýine doly geçer. Bu barada Respublikanyň Hökümeti tarapyndan kabul edilen Dil syýasatyny ösdürmek boýunça 2029-njy ýyla çenli konsepsiýada aýdylýar. Resminamada gazak diliniň latyn elipbiýiniň esasyndaky sözlükleriniň işlenip düzülmegi göz öňünde tutulýar.



**Keselini sesinden anyklaýar.** Kanadanyň «Klick Labs» kompaniýasynyň hünärmenleri emeli aňyň esasynda adamyň sesinden 2-nji derejeli süýji keseliniň bardygyny kesgitläp bilýän gural döretdiler. Anyklamak üçin diňe 6-10 sekuntlyk ses ýazgysy, jynsy, ýaşy, boýy we agramy baradaky esasy maglumatlar gerek.



**Bir tonnalyk kädi görkezildi.** Berlinde açylan sergide kädiniň 500-e golaý görnüşi hödürlendi. Olardan agramy 990 kilograma golaýlaýan kädi ýeňiji boldy. 110 sany mähnet kädiden saýlanan bu bakja önümini daýhan Olower Graf ösdürip ýetişdiripdir. 20-nji gezek guralan bu sergi iki hepde dowam eder.



**Garramagy haýalladýar.** Miçigan uniwersitetiniň alymlary ýüz üçin ideg kosmetikalarynda ülje şänigini peýdalanmagyň usulyny tapdylar. Ülje şäniginiň ekstraktynyň garramagy haýallatmaga we deriniň saglygyny gowulandyrmaga ukyplydygy ýüze çykaryldy. Ekstraktyň antioksidantlara we polifenollara baýdygy anyklandy.



**Täze atlas döretdiler.** Astronomlar 380 müňden gowrak galaktikanyň takyk atlasyny döretdiler. Taslama gijeki asmanyň kartalaryny döretmek boýunça birnäçe asyrlap dowam eden işleri bir ýere jemledi. Täze atlas şu güne çenli iň takyk nusgadyr. Bu atlas maksada gönükdirilen gözegçilikler üçin «galaktikalaryň iň gowy nusgalaryny» tapmaga mümkinçilik berer.



**Çe Gewaranyň çakmagy satylar.** 14-nji noýabrda Irlandiýada guraljak auksionda Kubanyň döwlet işgäri Ernesto Çe Gewaranyň (1926-1967) çakmagy satylar. Auksion öýüniň web sahypasyndaky maglumatlara görä, çakmagyň çak edilýän bahasy 1,5-2 müň funt sterlinge deň bolar.



**Gulaklygy uzak ulanmagyň zyýany.** Gulaklykda uzak wagtlap aýdym-saz diňlemek eşidişiň bozulmagyna getirip biler. Sesi 85 desibelden ýokary derejede diňlemek zyýanlydyr, her gün şeýle ölçegde 60-80 minutdan köp wagt saz diňlemek gulagyň agralmagyna getirip biler. Bu barada russiýaly lukman Iwan Romasow belleýär.

# MALAÝZIÝANYŇ PATYŞASY BOLDY

**Malaýziýanyň Hökümdarlar maslahaty Johor ştatynyň soltany Ybraýym Ysmaýyly ýurduň 17-nji Patyşasy wezipesine saýlady. Onuň 2024-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda resmi taýdan tagta geçjekdigi mälim edildi. Täze döwlet Baştutanyny saýlamagyň tertibi, paýtagt Kuala-Lumpurdaky monarhyň rezidensiýasynyň ýerleşýän ýeri Istana Negara köşgünde geçirildi. «New Straits Times» gazeti ozal Malaýziýanyň häzirki ýokary lideri Abdullah Riaýatuddin Al-Mustafa Billahyň öz ygtyýarlyklaryny 2024-nji ýylyň ýanwar aýynyň ahyryna çenli tamamlamagy meýilleşdirýändigini habar berdi. Ol 2019-njy ýylyň 31-nji ýanwaryndan bäri bu wezipäni ýerine ýetirýär.**

**Ýurduň ýokary ýolbaşçysy, esasan, wekilçilikli wezipeleri ýerine ýetirýär. Konstitusiýa laýyklykda, hökümetiň islendik karary onuň adyndan we razylygy bilen kabul edilýär, ýöne iş ýüzünde monarh hökümetiň ýa-da mejlisiň tekliplerine esaslanyp, karar kabul edýär. Soňky ýyllarda ýüze çykan syýasy durnuksyzlyk monarhiýanyň has täsirli bir instituta öwrülmegine sebäp boldy: 2020-2022-nji ýyllarda Patyşa üç gezek hökümet Baştutanyny belledi.**

**Ýurtda mirasdüşer soltanlaryň döwlet Baştutany wezipesine geçmeginiň özboluşly ulgamy bar. Ol öz orunbasary (wezir) bilen bilelikde dokuz ştatyň mirasdüşer hökümdar-**



**larynyň maslahatynda (yzly-yzyna ikinji möhlete gaýtadan saýlanmak hukugy bolmazdan) bäş ýyllyk möhlete saýlanýar. Dalaşgär 1957-nji ýylda, Patyşa wezipesi döredilende düzülen sanaw boýunça kesgitlenýär. 1958-nji ýylda doglan Ybraýym Ysmaýyl 2010-njy ýyldan bäri Singapur bilen serhetleşýän Johor ştatyny dolandyrýar.**

# Slowakiýanyň täze Premýer-ministri

30-njy sentýabrda Slowakiýada geçirilen parlament saýlawlarynda saýlawçylaryň 23,42%-iniň goldawy bilen ýeňiş gazanan «Sosial demokratiýa ugry» partiýasynyň başlygy Robert Fiso ýurduň Premýer-ministri wezipesine bellendi. Respublikanyň Prezidenti Zuzana Çaputowa, Robert Fisonyň ýolbaşçylygyndaky Slowakiýanyň täze hökümetini tassyklady. Bratislawadaky Prezident köşgünde Ministrler Kabinetiniň täze agzalaryny bellemek dabarasy geçirildi.

Syýasatçy ýene iki partiýa – «Ses – sosial demokratiýa» we Slowakiýanyň milli partiýasy bilen koalisiýa şertnamasynyň netijesinde, Slowakiýada täze hökümet gurmak hukugyny gazandy. 2006-2010-njy ýyllarda we 2012-2018-nji ýyllarda Premýer-ministr bolup işlän Fiso, Premýer-ministr Eduard Heger işinden çekilenden soň 2023-nji ýylyň 15-nji maýyndan bäri ýurduň wagtlaýyn hökümetine ýolbaşçylyk edýän Lýudowit Odoryň ornuna geçdi.

Robert Fiso 1964-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Çehoslowakiýanyň Topolçani şäherinde (1993-nji ýyldan bäri Slowakiýa Respublikasy) dünýä indi. Ol 1986-njy ýylda Bratislawadaky Komensk uniwersitetiniň hukuk fakultetini, 1992-nji ýylda Slowakiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Döwlet we hukuk institutynda aspiranturany tamamlady. Hukuk ylymlarynyň doktory Fiso döwlet we hukuk



meseleleri boýunça kitaplaryň we makalalaryň awtorydyr. Ol çeh, iňlis we rus dillerini bilýär.

Iki gezek Slowakiýanyň Premýer-ministri bolup işlän Fiso diňe ýurduň bähbidine işleýändigini belläp, Sosial-demokratlaryň Bratislawanyň Ýewropa Bileleşigine agzalygyny makullaýandygyny aýtdy.

Şeýle hem Slowakiýanyň metbugaty «Sosial demokratiýa ugry» partiýasynyň häkimiýete gaýdyp gelmeginiň Slowakiýanyň syýasatynda düýpli üýtgeşmelere sebäp bolup biljekdigini belledi.

# ABŞ-nyň Wekiller palatasynyň BAŞLYGY SAÝLANDY

Amerikan kanun çykaryjysy Maýk Jonson Wekiller palatasynyň başlygy wezipesine saýlandy. Jonson ýeňiş gazanmak üçin ýeterlik bolan 220 sese eýe boldy.

– Luiziana ştatyndan Maýk Jonson sesleriň köplügine eýe boldy we düzgüne laýyklykda, palatanyň başlygy wezipesine saýlandy – diýip, spikeriň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Patrik Makgenri aýtdy.

Respublikaçylaryň aglaba köplügi ýapyk ses berişlikde Jonsonyň Wekiller palatasynyň başlygy wezipesine hödürlenmegini makullady. Bu wezipe ABŞ-nyň hökümetiniň iýerarhiýasynda üçünji möhüm wezipedir. Mundan öň wekiller palatasy üç gezek spikeri saýlap bilmedi.

Jonson häzire çenli känbir tanalmaýan kongresmendi. Ol ABŞ-nyň Kongresiniň aşaky palatasynyň kazyýet komitetiniň agzasydyr. Şeýle hem ol Amerikanyň öňki Prezidenti Donald Trampyň tarapdary hasaplanýar.



3-nji oktýabrda Wekiller palatasynyň aglaba köplügi Kewin Makkartiniň spiker wezipesinden çekilmegini goldady. ABŞ-nyň taryhynda ilkinji gezek Wekiller palatasynyň başlygy wezipesinden çekildi. Makkarti işinden çekilenden soň, kongresmenler Jim Jordan we Stiwen Skalis onuň mirasdüşeri hasaplandy. Emma olar içerki partiýanyň bölünişigini ýeňip geçip, kanun çykaryjylaryň zerur goldawyny alyp bilmediler. Täze spiker saýlanýança, kongresiň aşaky palatasynyň işi togtadyldy.

Maýk Jonson 1972-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Şriwportda (Luiziana, ABŞ) dünýä indi. Ol 1995-nji ýylda Luiziana döwlet uniwersitetiniň biznes dolandyryşy boýunça bölümini bakalawr derejesi bilen tamamlady we 1998-nji ýylda şol uniwersitetden hukuk fakultetiniň doktory derejesini aldy. Jonson maşgalaly we dört çagasy bar.

# NEBITE ISLEG ARTAR

**Nebit eksport edýän ýurtlaryň guramasynyň hasabatynda (OPEK) 2022-nji we 2045-nji ýyllar aralygynda dünýäniň nebite bolan isleginiň 16,5% ýokarlanjakdygy çaklanylýar. OPEK-iň 2023-nji ýyl üçin «World Oil Outlook» hasabatynda dünýäniň çig nebite bolan isleginiň 2022-nji ýylda bir günde 99,6 million barrelden 2045-nji ýyla çenli 116 million barrel ýokarlanmagyna garaşylýandygy bellenilýär. Ösüş, esasan, Hindistan, Hytaý, Afrika we Ýakyn Gündogar ýaly ösýän ýurtlardan we ösüp barýan bazar sebitlerinden üpjün ediler.**

**OPEK-iň Baş sekretary Haýsam al-Gaýs ýyllyk hasabatynda 2045-nji ýylda global nebit isleginiň her gün 116 million barrele barabar boljakdygyny aýtdy. Bu geçen ýylky hasabatdaky çaklamadan 6 million barrele golaý ýokarydyr.**

**– Ilatyň köpelmegi, ykdysadyýetleriň ösmegi we köp ýurtlara döwrebap energiýa hyzmatlaryny bermek zerurlygy sebäpli dünýäniň ýakyn onýyllyklarda has köp energiýa mätäç boljakdygy aýdyňdyr – diýip, Haýsam al-Gaýs belledi. OPEK-iň başlygy nebit pudagynyň ösýän global energiýa islegini kanagatlandyrmak üçin 2045-nji ýyla çenli 14 trillion dollar ýa-da ýylda 610 milliard dollar maýa goýumlarynyň zerurdygyny sözüniň üstüne goşdy.**

**OPEK-iň hasabatynda nebitiň dünýäniň energiýa balansynda hatda onuň**




**paýynyň 2022-nji ýylda 31,2%-den 2045-nji ýylda 29,5%-e çenli azalmagyna garamazdan, iň uly energiýa çeşmesi bolup galjakdygy çaklanýar.**

**Hasabatda ýel, Gün, geotermiki we daşgyn energiýasy ýaly gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň paýynyň, «köp sebitlerde güýçli syýasy goldaw» sebäpli, 2022-nji ýylda 2,7%-den 2045-nji ýylda 11,7%-e çenli ýokarlanjakdygy bellenilýär.**

# Hindistan onlaýn G20 sammitini geçirer

Şu ýylyň 22-nji noýabrynda «Uly ýigrimiligiň» (G20) onlaýn sammiti geçiriler. Bu barada G20 toparynyň guramaçylyk komiteti habar berdi.

– G20 liderleriniň wirtual sammiti 2023-nji ýylyň 22-nji noýabrynda geçiriler – diýip, guramaçylar bellediler.

Ondan öň Hindistanyň Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Arindam Bagçi, Nýu-Deliniň eýýäm G20 toparynyň onlaýn sammitine çakylyk iberendigini we bileleşigiň ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň mümkin boldugyça gatnaşmagyna garaşylýandygyny aýtdy.

9-10-njy sentýabrda Nýu-Delide ýüz-



be-ýüz geçirilen G20 sammitinde Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi toparyň ýolbaşçylarynyň maslahatyny noýabr aýynda wirtual görnüşde geçirmegi teklip edipdi. Modi öňde boljak onlaýn sammitiň dowamynda sentýabr aýynda guralan maslahatda dünýä liderleri tarapyndan öňe sürlen tekliplериň durmuşa geçirilmeginiň çaltlandyrylmagyna garaljakdygyny aýdypdy.

Nýu-Delide geçirilen sammite «Uly ýigrimiligiň» liderleri we Bangladeş, Müsür, Ispaniýa, Mawrikiý, Nigeriýa, Niderlandlar, BAE, Oman we Singapur ýaly ýene-de dokuz ýurduň ýolbaşçylary gatnaşdy.

# AWTOULAGLARYŇ hereketini çäklendirmekçi

**Milanyň häkimiýetleri howanyň güýçli hapalanmagy sebäpli şäher merkezinde hususy awtoulaglaryň hereketini gadagan etmegi meýilleşdirýär.**

**Italiýanyň bu şäherinde howanyň hapalanmagynyň derejesi 19,7 mkg/m3 bolup, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) tarapyndan howpsuz hasaplanýan ortaça derejeden dört esse diýen ýaly köpdür.**

**Milanyň häkimi Juzeppe Sala şuňa meňzeş gadaganlyk bilen metropolda daşky gurşawyň hapalanmagyny azaltmak isleýändiklerini aýtdy. Eger-de bu teklipler goldaw tapan halatynda 2024-nji ýylda güýje girer.**

**Şeýle hem bu ädimiň Milanyň iň köp hereketli ýerlerini pyýadalara has amatly etjekdigi bellendi. Ýerli häkimiýetler gadagançylygy berjaý etmek üçin gözegçilik kameralaryny ulanarlar. Sürüjiler bu çäklere rugsatsyz girenleri üçin jerime tölemeli bolarlar.**

**Şeýle-de bolsa, reformany hemmeler goldamady. Ýol hereketini çäklendirýänleri tankytlaýanlar, bu çäräniň diňe bir milanlylara däl, eýsem, her gün işe gatnamaly bolýan çetdäki ýaşaýjylara hem kynçylyk döretjekdigini aýdýarlar.**

**Milan awtoulaglary gadagan etmek meselesine seredýän ilkinji Ýewropa şäheri däl. Golaýda Stokgolm benzin we dizel awtoulaglarynyň şäher merkezine girmeginiň öňüni almak meýilnamasyny yglan etdi. Täze düzgünleriň 2024-nji ýylyň 31-nji dekabrynda güýje girjekdigi habar berildi. Şeýle hem Pariž 2024-nji ýylyň başynda, Olimpiýa oýunlarynyň öňüsyrasynda hususy awtoulaglary şäheriň taryhy merkezinden aýyrmagy maksat edinýär.**



# ÝEWROPANYŇ IŇ GOWY EKOSYÝAHATÇYLYK UGURLARY

«Lonely Planet» halkara neşirýat kompaniýasy ekosyýahatçylar üçin 2024-nji ýylda Ýewropadaky iň gowy bäş syýahatçylyk ugrunyň sanawyny neşir etdi. Öňdebaryjy syýahatçylyk hünärmenleri tarapyndan işlenip düzülen bu sanaw «ýurtlar», «sebitler», «şäherler», «durnukly ösüş» we «gymmatlyk ähmiýeti» kategoriýalaryna bölünýär. «Lonely Planet»-iň çaklamalaryna görä, bu ugurda Ýewropanyň bäş sebiti ekologiýa taýdan arassa ýerleriň onlugyna girdi.

Dünýäniň iň meşhur dynç alyş ýerleriniň biri hasaplanýan Ispaniýa möwsümden daşary syýahatçylygyny we has az tanalýan ýerlerini işjeň ösdürýär, şeýle hem ekologiýa taýdan arassa ulag görnüşlerine maýa goýýar. Mundan başga-da, ýurt welosiped ýodalarynyň ugurlaryny giňeldýär, elektrobuslara geçýär we täze demir ýol ugurlaryny işe girizýär.

Grenlandiýa ägirt uly buz örtükleri we tundra landşaftlary bilen üýtgeşik manzary söýýänleri özüne çekýär. Ýurduň syýahatçylyk geňeşi «Visit Greenland» syýahatçylaryň sanynyň köpelmegi bilen baglanyşykly ýüze çykýan meseleleri çözmegiň üstünde işleýär:



olaryň akymy ep-esli girdeji getirsede, ülkäniň özboluşly tebigatyna zeper ýetirip biler diýlip hasaplanýar.

Beýik Britaniýanyň iň owadan künjeklerinden biri hasaplanýan Uels syýahatçylygy durnukly ösdürmegiň ýörelgelerini kanuny taýdan berkitdi. Ol «Lonely Planet»-iň ýokary baha beren täzelenen demir ýol ulgamynyň kömegi bilen iň gowy ugurlaryň sanawyna girizildi. Makalada demir ýol aragatnaşygynyň «ýurduň günbatar sebitleriniň ajaýyp tebigatyny öwrenmek üçin amatly mümkinçilikleri» giňeldýändigi aýdylýar.

Portugaliýada ekosyýahatçylary diňe bir däp-dessurlar we medeni ýadygärlikler özüne çekmän, eýsem, uzak gezelenç etmek, mysal üçin, gadymy şäher Santýago-de-Kompostеladaky Santýago soboryna gezelenç etmek üçin pyýada ýa-da welosipedli barmak mümkinçiligi hem gyzyklandyrýar.

Hünärmenleriň pikiriçe, Baltika ýurtlary jahankeşdeleri özüne çekýär, sebäbi bu ýerde «dikeldiş we mediatiw tejribe üçin Ýewropanyň iň gowy ýerlerini» tapyp bilersiňiz. «Lonely Planet» özüňiziň içki «meniňizi» açmak üçin sebitdäki çäge aňňatlaryna, derýalara we köllere baryp görmegi maslahat berýär.

# TARYHDA ŞU GÜN

**1958-nji ýylyň 3-nji noýabrynda Parižde Sena derýasynyň çep kenarynda ÝUNESKO-nyň (Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy) binalar toplumy açyldy. Toplum müdiriýet, umumy mejlisler jaýy we hemişelik wekilhanalar ýaly üç binadan ybarat.**



# HAZAR DEŇZI BOÝUNÇA YLMY-BARLAG INSTITUTY DÖREDILER

**Gazagystanda Hazar deňziniň daşky gurşaw meselelerini öwrenmek maksady bilen ylmy-barlag instituty dörediler. Bu barada Respublikanyň suw serişdeleri we suwaryş ministrliginiň metbugat gullugy habar berdi. Ministrlik eýýäm ylmy-barlag institutyny döretmek baradaky taslamasyny taýýarlady.**

**– Institutyň döredilmegi, ekologik meseläni öwrenmäge giňişleýin çemeleşmäge we uly göwrümli meseleleri çözmäge mümkinçilik berer – diýip, suw serişdeleri we suwaryş ministri Nuržan Nuržigitow belledi.**

**Hazar deňzi boýunça ylmy-barlag instituty Hazar deňziniň daşky gurşaw meselelerini, suwuň derejesiniň peselmeginiň meselelerini, düwlenleriň we balyklaryň gyrylmagynyň sebäplerini, Hazaryň düwlenlerini, balyk sürülerini, akwatoriýany we kenar ýakasyny gorap saklamak meselelerini öwrener. Hazarýaka döwletlerindäki kärdeşleri bilen ýygjam aragatnaşyk saklamak hem ileri tutulýan ugurlaryň biri bolar.**

**Mundan başga-da, institut Hazar deňziniň ekoulgamynyň ähli ugurlary barada obýektiw we garaşsyz maglumat berer. Alnan maglumatlar döwlet we ýerli ýerine ýetiriji guramalar tarapyndan toplumlaýyn çäreleri kabul etmek üçin esas bolup hyzmat eder. Ylmy guramanyň döredilmegi, Hazar deňzini goramak boýunça halkara we milli borçnamalary doly ýerine ýetirmäge mümkinçilik berer.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY METEORIDI



Häzire çenli geçirilen barlaglarda Ýerden başga planetada ýa-da başga bir asman jisiminde ýaşaýşyň bardygy barada subutnama tapylmady. Şeýle bolansoň, Ýer üstünde ýaşaýyş bolan ýeke-täk planeta hasaplanýar. Bu bolsa aslynda Ýeriň hem asman jisimidigini aňladýar. Planetamyzda ýaşaýşyň bolmagy üçin ýörite atmosfera gatlagy bolup, bu gatlak Ýeri kosmos giňişliginde gaýyp ýören ululy-kiçili daşlardan goraýar. Ýer ýüzünde 100 kilometr çemesi beýiklikde başlaýan atmosfera haýsydyr bir jisim gelip uranda, kislorod bilen galtaşyp, ýanyp başlaýar we pytraýar. Ýeriň ýüzüne çenli gelip ýetýänçä bolsa, ýanyp, bugaryp ýok bolýar. Bu bolsa, ähli janly-jandarlary, ösümlikleri, umuman Ýerdäki ýaşaýşy goraýar. Şeýle-de bolsa, seýrek ýagdaýda Ýeriň atmosferasyna giren daşlar dolulygyna ýanyp gutarman, onuň bölekleri ýere gelip ýetýär. Atmosfera girenden soňra ýanyp, ýok bolýan daşa meteor, ýere gelip ýetýänlere meteorit diýilýär. Kosmos giňişliginde gaýyp ýören has uly daşlara bolsa asteroid diýilýär. Dünýäde häzire çenli onlarça meteorit gaçyp, olaryň käbiri muzeýlerde ýa-da başga bir ýapyk binada saklanýan bolsa, käsi gaçan ýerinde dur. Ýere gaçan iň uly meteorit Namibiýanyň demirgazygyndaky Hrutfonteýn etrabynyň golaýyndaky Hoba diýen ýerdäki äpet daş hasaplanýar. Bu asman jisimi häzirki wagta çenli abat ýagdaýda saklanyp galypdyr. Ýer ýüzündäki iň uly bitewi asman jisimi hasaplanýan Hoba meteoridini görmäge barýan syýahatçylar hem az däl. Bu daş has irki döwürlerde Ýere gaçypdyr. Geçirilen barlaglarda asman jisiminiň 80 müň ýyl ozal Ýere gaçandygy anyklandy. 1920-nji ýyllarda bir daýhan ýerini sürýän wagty bu äpet daşyň üstünden barypdyr. Oňa ýerli dilde «hopa», ýagny «men tapdym» diýen at goýulýar. Nemes alymlarynyň geçiren barlagynda onuň asman jisimidigi anyklanýar. Şondan soňra ol gorag astyna alynýar. Emma agramy 60 tonna golaý bolan daşy ýerinden gozgamak başartmaýar. Şol sebäpli onuň ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylyp, syýahatçylaryň gelip görmekleri üçin şert döredilýär. Asman jisiminiň ýanynda goýlan maglumat tagtajygynda onuň düzüminiň 82,4 göteriminiň demir, 16,4 göteriminiň nikel, 0,76 göteriminiň kobalt elementinden emele gelendigi ýazylypdyr. Şeýle hem daşyň düzüminde az mukdarda uglerod, kükürt, hrom, sink, galliý, germaniý we iridiý elementleriniň bardygy bellenilýär.

Diametri 3 metr töweregi bolan ýasy daşyň galyňlygy 1 metre barabar. Bilermenler daşyň Ýeriň atmosferasyna keseligine – suwuň ýüzünde bökýän daşlar ýaly bolup girendigi sebäpli ýanmandygyny çaklaýarlar.

Ýeri gelende bellesek, 1998-nji ýylyň 20-nji iýunynda ýurdumyzyň Köneürgenç şäherinden 7 kilometr günorta tarapa daş gaçdy. Meteoritiň gaçan ýerinde diametri 6 metr çuňlukda, 3,5 metre barabar çukur emele geldi. Bu Türkmenistana gaçan meteoritleriň iň ulusy bolup, şol wagtky agramy 1 tonnadan gowrakdy. Daşyň 820 kilograma barabar bolan iň uly bölegi häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde saklanýar.

# BALET – DUÝGULY SAHNA ESERI

**Tans sazlaşykly beden hereketleri bilen medeniýeti we ruhy ahwalaty janlandyrýan gymmatly sungat eseridir. Tans asyrlarboýy dünýä medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup gelýär. Her bir halk öz däp-dessurlaryny, halk döredijiligini suratlandyrýan milli hem-de döwrebap tanslary bilen tanalýar. Şeýle tanslaryň biri hem balet bolup, her ýylyň 1-nji noýabrynda Bütindünýä balet güni bellenip geçilýär. Gazetimiziň şu sanynda balet tansy baradaky maglumatlary size ýetirmegi makul bildik.**

Balet – teatr tansy, akademiki tans usuly bolup, bezelen sahnada balerina tarapyndan aýdym-sazly ýerine ýetirilýär. Tansyň bu görnüşinde sessiz hekaýat duýgy bilen täsirli beýan edilýär. Balet tansy XV-XVI asyrlarda döredilip, italýan medeniýetinden gözbaş alýar. Bu tans ilkibaşda köşk güýmenjesi hökmünde ýerine ýetirilip, gülküli häsiýete eýe bolupdyr. Italiýanyň goňşusy Fransiýada hem şol ýyllarda balet tansy ýörgünli bolup, tans stiliniň nusgalyk görnüşi hasaplanypdyr. Fransuzlarda balet, esasan, döwlet edaralary bolan kazyýetde oýnalypdyr. Wagtyň geçmegi bilen tansyň ýerine ýetiriliş usuly üýtgedilip, teatrda ýuwaş heňli saz bilen ýerine ýetirilip başlanýar. 1700-nji ýyllarda Parižde opera tans mekdepleriniň döredilmegi bilen ilkinji opera tansçylary ýüze çykýar. Şol ýyllarda balet tansy üçin ýörite sazlar ýazylýar. Bu opera baletleriniň üstünligi bolup, aýdym, tans we orkestriň «janly» sazy bir sahnada birleşýär. Ilkibaşda iň ökde tansçylar erkekler bolup, 1681-nji ýylda ilkinji zenan balet tansçysy de La Fonten sahnada peýda bolýar. 1720-nji ýyllarda baletiň çeperçilik we ýerine ýetiriliş tärleri boýunça erkeklerdir zenanlaryň arasynda bäsleşikler guralýar. Tans bäsleşiklerinde Mari Sale we Mari-Anne Kamargon iň meşhur tansçylar hökmünde saýlanýar. Bu tansçylar balet tansynyň nusgawy görnüşini döretmekde uly orun eýeläpdirler. Fransiýada kämilleşdirilip, nusgalyk derejä ýetirilen tansyň bu görnüşi soňlugy bilen Ýewropa ýurtlaryna ýaýraýar. Rus baleti, fransuz baleti we italýan baleti ýaly tärleri özünde jemleýän balet tansynyň nusgawy, romantik, täze nusgawy we häzirki zaman baleti ýaly görnüşleri bar.



Ýumşak aýakgaply oýnalýan tansyň bu görnüşi romantik häsiýetliligi bilen tapawutlanýar. Balet häzirki wagtda, esasan, aýal-gyzlar tarapyndan ýerine ýetirilýän aýlawly hereketleri bilen tanalýan nusgawy tanslaryň birine öwrüldi.

# SARYMSAK – SERIM SAG

Sarymsak «amaryllis» maşgalasyna degişli ösümlik bolup, dermanlyk häsiýeti bilen tapawutlanýar. Ata Watany Merkezi Aziýa hasaplanýan sarymsagyň Italiýada we Fransiýada ýabany ösýän görnüşleri hem bar. Sarymsak gadymy we orta asyrlarda dermanlyk ähmiýeti bilen tanalyp, gymmatly harytlaryň birine öwrülýär. Sarymsagy çigligine ýa-da dürli naharlara goşmak arkaly iýip bolýar. Halk lukmançylygynda giňden ulanylýan bu bakja önümini çigligine iýmek has peýdalydyr. Sarymsagyň düzüminde efir ýagy, C, B6 witamini, marganes saklanýar. Ýiti tagamy we güýçli ysy bolan bu bakja önümi saglyk üçin örän peýdalydyr.



**Ýokançlyklara garşy göreşýär.** Sarymsagyň düzümindäki C witamini immuniteti güýçlendirip, wiruslaryň öýjüge aralaşmagynyň we köpelmeginiň öňüni alýar.

**Gan basyşyny peseldýär.** Ýokary gan basyşy bolan adamlara sarymsak iýmek maslahat berilýär. Sarymsagyň düzümindäki allisin maddasy gan damarlaryny rahatlandyryp, ýürek-damar hadysalarynyň howpuny azaldýar.

**Huşsuzlygyň öňüni alýar.** Sarymsak beýnini zyýanly şöhlelerden gorap, aň-düşünjäniň peselmeginiň öňüni alýar. Sarymsakda jemlenen antioksidantlar stresi peseldip, beýnini dürli zeperlenmelerden goraýar.

**Uzak ýaşamaga kömek edýär.** Hytaýda geçirilen barlaglarda hepdede azyndan bir gezek sarymsak iýen adamlaryň beýlekilere seredeniňde haýal garraýandygy ýüze çykaryldy. Munuň sebäbi bolsa sarymsagyň immuniteti güýçlendirýändigi hem-de ýürek-damar ulgamynyň işini kadalaşdyrýandygy bilen düşündirilýär.

**Iş ukybyny güýçlendirýär.** Sarymsak «öndürijiligi ýokarlandyrýan» maddalaryň biridir. Gadym döwürlerde ýadawlygy azaltmak we işçileriň ukybyny güýçlendirmek üçin sarymsak berlipdir. Gadymy Gresiýada Olimpiýa türgenleri sarymsak iýipdirler.

### Sarymsagyň ysyny nädip aýyrmaly?

Bilşimiz ýaly, sarymsagyň ysy uzak wagtlap saklanýar. Sarymsak iýleninden 24 sagat soň hem azajyk ys galýar. Amerikan lukmançylyk birleşiginiň žurnalynda çap edilen makalada sarymsagyň nähili ýagdaýda iýlendigine garamazdan ysynyň gelýändigi ýazylýar. Hatda ejesi sarymsak iýen bäbejikden hem ysyň gelýändigine geň galýarlar. Munuň sebäbini derňänlerinde sarymsagy çeýnäp iýýändigiňe ýa-da ýuwdandygyňa garamazdan bu bakja önüminiň düzümindäki kükürt birleşmeleriniň gana ornaşýandygy ýüze çykaryldy. Bedende bolup geçýän bu himiki täsirleşme damarlardan geçip, öýkene, bokurdaga we agyzdaky tüýkülik mäzlerine çenli barýar. Dişiňi näçe ýuwsaň-da, sarymsagyň ysyny aýryp bolmaýar. Ýöne işdäaçar ýapragy (salat oty), narpyz ýaly käbir gök otlar we ter alma ysy aýyrmaga ýardam edýär.

## ÇAGALAR

✓ Pazzl – dürli bölejikleriň birleşdirilmegi bilen emele gelen suratly tapmaça. Ilkinji pazzl 1763-nji ýylda Angliýada peýda bolýar.




# MÖJEK BILEN TILKINIŇ DOSTLUGY

Ir döwürler möjek bilen tilki dostlaşyp, bile aw edip gezer eken. Günlerde bir gün tilki bir olja tapyp, ony möjege duýdurman çägä gömüp gizleýär. Ertesi tilki möjege handan hat alyp geljekdigini we şol hatda sürülerden goýundyr taýçanaklary alyp iýibermelidigi barada rugsat boljakdygyny aýdýar.

Tilki melgun ýola düşýär we ýerden bir bölek hatly kagyz tapýar-da, ony guýrugyna ýelmäp, möjegiň ýanyna gaýdýar. Aç ýatan möjegiň ýanynda häzir bolan tilki:

– Eý, möjek, men handan hat alyp geldim. Indi islän süriňden goýun ýa-da taý alyp iýip bilersiň – diýýär.

Möjek muny eşiden badyna kagyzy tilkiden alyp, ony guýrugyna ýelmeýär. Meýdanda ylgap barşyna sürüdäki taýçanaklaryň birini tutýar.

Tilki möjege seredip, şeýle diýýär:

– Möjek dost, eti burnumyzdan gelýänçä iýeris.

Biraz wagt geçensoň, mekir tilki burnunyň her demligine bir bölek et dykyp, möjege görkezýär. Möjek tilkä garap:

– Tilki dost, arkaýyn gidiber, galan eti özüm ýalmaryn – diýipdir. Tilki usullyk bilen jeňňellikde gizlenýär. Taýçanagyny aldyran atbakar az salymdan möjegiň üstünden barýar we alabaýlaryny möjegiň üstüne küşgürýär. Gözüniň ody alnan möjek elem-ebtat bolup ýatyşyna:

– Dönük tilki, meniň dostlugymyň haky şumy?! – diýip, aldanandygyna düşünýär.

**«SYNALMADYK DOST – DÖWÜLMEDIK HOZ».**

# Pazzl – çagalar üçin gyzykly tapmaça







Kagyzdan, tagtadan we plastmassadan ýasalyp, zehiniňi kämilleşdirýän, pikirlenmegi ösdürýän dürli oýnawaçlardyr güýmenjeler bar. Şeýle oýnawaçlaryň biri hem pazzl bolup, bu oýnawajyň dürli ýaşdaky çagalara niýetlenen birnäçe görnüşi bar. Ilkinji pazzl 1763-nji ýylda Angliýada peýda bolýar. Surat mugallymy Jon Spilsberi çagalaryň geografiýa dersini has täsirli özleşdirmekleri üçin kartany emele getirýän pazzly ýasaýar. Agaç bölejiklerini ýerli-ýerine goýanyňda Beýik Britaniýa adasy emele gelýän bu karta ilkinji pazzl hasaplanypdyr. Jon Spilsberi 1767-nji ýylda bu kartanyň reňkli nusgasyny ýasadypdyr. Onuň asyl nusgasy häzirki wagtda Hannas kolleksiýasynda saklanýar we her şäher aýratyn reňkdäki tagtajykdan ýasalan. Spilsberi dürli şäherleriň we ýurtlaryň jemi 30 sany kartasyny döredipdir. Şol asyryň ahyrlarynda dürli görnüşli suratly pazzllar hem ýasalyp başlanypdyr.

Pazzl – dürli bölejikleriň birleşdirilmegi bilen emele gelen suratly tapmaça bolup, onuň çylşyrymlylyk babatda örän köp görnüşi bar. 50-den 3 müňe çenli bölekden ybarat pazzllar hem bar. Şeýle hem üç ölçegli, ýagny binalary emele getirip bolýan pazzllar bolýar. Mundan başga-da, her tarapyndan başga şekil emele getirip bolýan kubik görnüşli oýnawaçlar hem bar. Adaty pazzllar ýasalanda, ilki onuň daşy emele getirilse, içindäki bölekleri ýerli-ýerine goýmak aňsat bolýar.

# Kyrkaýagyň näçe aýagy bar?

Kyrkaýaga latynça «centipede» diýilýär. Ol «ýüz aýakly» diýmegi aňladýar. Köpaýaklylar maşgalasyna degişli bolan sary reňkli bu möjejigiň aýak sany babatda tapawutlanýan birnäçe görnüşi bar. Olar bir asyrdan gowrak wagt bäri ylmy taýdan öwrenilýändigine garamazdan ýyl-ýylyna täze görnüşleri ýüze çykarylýar. Emma olaryň laýyk 40 ýa-da 100 aýaklysy ýok. Käbirlerinde azrak, käsinde bolsa, has köp. Bu mör-möjekleriň häzire çenli anyklananlarynyň diňe biriniň 96 aýagy bolup, ol aýak sany jübüt bolan ýeke-täk görnüş hasaplanýar. Ýagny onuň 48 jübüt aýagy bar. Beýleki kyrkaýaklaryň iň az aýaklysy 15, iň köpi bolsa 191. ABŞ-da tapylan «Illacme plenipes» atly kyrkaýakda laýyk 750 sany aýagyň bardygy anyklandy.



Adatça, kyrkaýaklaryň 62-70 aýagy bolup, topragyň 10-15 santimetr aşagynda ýaşaýarlar. Mör-möjekleriň bu görnüşi ýaprak we çüýrän ösümlik galyndylary bilen iýmitlenýär. Olar iýmitini çeýnäp ýuwudýarlar.

## Zehin synagy

Ketekde bir topar towşan bardy. Olary iki-ikiden aýranyňda 1 towşan galýar. Üç-üçden goýanyňda 2 towşan, dört-dörtden jemläniňde 3 towşan, bäş-bäşden aýranyňda 4 towşan, alty-altydan goýanyňda bolsa, 5 towşan galýar. Ketekde jemi näçe towşan bar? Jogaby: 59 towşan.

Sagymçynyň 3 we 5 litrlik gaby bar. Ol süýdüň laýyk 1 litrinden gatyk basyrmakçy. Sagymçy 1 litr süýdi nädip ölçär?

Jogaby: Sagymçy ilki 3 litrlik gaby doldurmaly we ony 5 litrlik gaba guýmaly. Soňra 3 litrlik gaby ýene bir gezek doldurup, ýanky gabyň üstüne guýmaly. Şeýlelikde, 3 litrlik gapda 1 litr süýt galýar.

Maşgalada 5 erkek doganyň her biriniň 1 gyz dogany bar. Olar jemi näçe dogan? Jogaby: Jemi 6 dogan: 1 gyz, 5 oglan.

Awtobus haýsy tarapa barýar?



Jogaby: Awtobus çep tarapa barýar. Sebäbi onuň gapysy sag tarapynda. Ýagny ýollarymyz sag taraplaýyn bolany üçin ol çep tarapa barýar.



7 tapawudy tapyň





## Bir sözlemde...

- Fransiýada geçirilen regbi boýunça 10-njy Dünýä Kubogynyň finalynda 3 çempionlygy bolan Täze Zelandiýany 12:11 hasabynda ýeňen Günorta Afrikanyň ýygyndysy bassyr 2-nji, umumylykda-da 4-nji gezek çempionlyk gazandy (1995, 2007, 2019, 2023).
- Fransiýada geçirilen regbi boýunça 10-njy Dünýä Kubogynda Argentinany 26:23 hasabynda ýeňen Angliýanyň ýygyndysy ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldy.
- Tennis boýunça Hytaýyň Çžuhaý şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky «WTA Elite Trophy» ýaryşynda braziliýaly Beatris Haddad Maia çempionlyk gazanyp, ol finalda hytaýly Çžen Sinweni 2 setiň dowamynda 7:6 hasaplar bilen ýeňdi we 3-nji WTA Kubogyny eýeledi (ol jübütleýin ýaryşda-da russiýaly Weronika Kudermetowa bilen çempionlyk gazandy).
- Şweýsariýanyň Bazel şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky 52-nji «Swiss Indoors» tennis ýaryşynyň finalynda polşaly Hubert Hurkaçy 2 setde 7:6 hasaplar bilen ýeňen kanadaly Feliks Ože-Alýassim bu ýerdäki bassyr 2-nji, umumylykda 5-nji çempionlygyny gazandy.
- Awstriýanyň paýtagtynda geçirilen erkekleriň arasyndaky «Wena Açyk» tennis ýaryşynda italiýaly Ýanniks Sinner ýeňiş gazanyp, ol finalda russiýaly Daniil Medwedewi 7:6, 4:6, 6:2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we 10-njy ATP Kubogyny asmana göterdi.
- NBA-da «Filadelfiýa 76ers» topary ýyldyz oýunçysy Jeýms Hardeni, şol sanda, P.J. Takersi, Filip Restrusewi «Los Anjeles Klipperse» ugradyp, ornuna bu klubdan Markus Morris, Nikolas Batumi, Robert Kowington, KJ Martin dagyny düzümine goşdy.



### Hepdäniň esasy duşuşyklary

*3-nji noýabr:*
Al Fateh – Al Hilal (20:00)
Galatasaraý – Kasympaşa (22:00)
Las Palmas – Atletiko (01:00)
PSŽ – Monpelie (01:00)

*4-nji noýabr:*
Fulham – M. Ýunaýted (17:30)
Salernitana – Napoli (19:00)
Hoffenhaým – Baýer (19:30)
Man. Siti – Bornmut (20:00)
Fenerbahçe – Trabzonspor (21:00)
Atalanta – Inter (22:00)
Nýukasl – Arsenal (22:30)
Borussiýa D – Bawariýa (22:30)
Milan – Udineze (00:45)
Real Sosiedad – Barselona (01:00)
Boka Huniors – Flamengo (01:00, final)

*5-nji noýabr:*
Krasnodar – K. Sowetow (16:00)
Luton Tawn – Liwerpul (21:30)
Lokomotiw – Spartak (21:30)
Fiorentina – Ýuwentus (00:45)
Real Madrid – R. Wallekano (01:00)

*6-njy noýabr:*
Tottenham – Çelsi (01:00)



# 3-nji aýlawa badalga berildi

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 3-nji aýlawa badalga berlip, 19-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Merwden» 6–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda gollary 13-nji minutda Didar Durdyýew, 25-nji we 39-njy minutlarda Nazar Towakelow, 52-nji we 79-njy minutlarda Orazberdi Myradow hem-de 90+2-nji minutda (11 m.j.u.) Arslanmyrat Amanow geçirdi.

«Energetik» bilen «Altyn asyr» toparlarynyň arasyndaky oýunda ýer eýeleri 5-nji minutda Serdar Annamämmedowyň goly bilen öňe saýlansa-da, ýeňiş myhmanlaryň tarapynda boldy. «Altyn asyr» topary 1-nji ýarym tamamlanmanka Aşyr Jumadurdyýewiň 32-nji minutda öz derwezesinden hem-de Ahmet Ataýewiň 36-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren gollary bilen ýeňşini baýram etdi.

Soňky çempion «Ahal» öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny kabul etdi. Myhmanlar oýnuň başlarynda, 9-njy minutda Begmyrat Pirkuliýewiň goly bilen öňe saýlansa-da, «Ahal» soňky minutlarda 2 gol geçirip, ýeňiş gazandy. Gollary 78-nji minutda Alibek Abdyrahmanow bilen 85-nji minutda Gurban Annaýew geçirdi. Oýnuň 87-nji minutynda her topardan 1 futbolçy gyzyl kart alyp, meýdançadan çykaryldy.

Tapgyryň deňlikde geçen ýeke-täk oýnunda «Köpetdag» bilen «Nebitçi» utuklary paýlaşdylar. 19-njy minutda Batyr Täçnazarowyň goly bilen öňe geçen «Köpetdag» 2-nji ýarymyň başlarynda derwezesinden 2 gol geçirtdi. Olary 46-njy minutda Myrat Amantaganow ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden hem-de 55-nji minutda Serdar Tukiýew tora girizdi. Duşuşygyň 90+1-nji minutynda Baýramgeldi Gulmaýew hasaby deňläp, toparyny ýeňlişden halas etdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 16 | 16 | 0 | 0 | 57—12 | 48 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 16 | 12 | 2 | 2 | 40—13 | 38 |
| 3 | «NEBITÇI» | 16 | 9 | 2 | 5 | 27—19 | 29 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 17 | 6 | 3 | 8 | 25—34 | 21 |
| 5 | «AŞGABAT» | 17 | 6 | 2 | 9 | 23—37 | 20 |
| 6 | «AHAL» | 15 | 6 | 1 | 8 | 22—23 | 19 |
| 7 | «MERW» | 15 | 3 | 3 | 9 | 13—29 | 12 |
| 8 | «ENERGETIK» | 16 | 4 | 0 | 12 | 12—35 | 12 |
| 9 | «ŞAGADAM» | 16 | 2 | 3 | 11 | 10—27 | 9 |

# 13 OÝUNDA 13 GOL



Ispaniýanyň çempionatynda «El Klasikoda» «Real Madrid» soňky minutlarda ýeňiş gazandy. «Barselona» şäherinde geçirilen duşuşykda ýer eýeleri 6-njy minutda Ilkaý Gündoganyň goly bilen öňe saýlandy. Myhmanlar 68-nji minutda Bellingamyň goly bilen hasaby deňlediler. Oýnuň 90+2-nji minutynda ýene-de Bellingam tapawutlanyp, ol «Realdaky» 13-nji duşuşygynda 13-nji goluny geçirdi. Ol Di Stefano hem-de Kristiano Ronaldodan soň «Realdaky» ilkinji 13 duşuşygynda 13 gol geçiren 3-nji futbolçy boldy. «Real Madrid» bilen utugy deň bolan «Žirona» öz meýdançasynda «Seltany» Herreranyň 90+1-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1–0 utdy. «Alawesi» 2–1 hasabynda ýeňen «Atletiko Madrid» topary 3-nji orna geçdi.

# «Bawariýa» 8, «Leipsig» 6 gol geçirdi

**Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýa» öz meýdançasynda «Darmştadt» toparyny 8–0 hasabynda ýeňdi. Eýýäm 4-nji minutda «Bawariýadan» Ýozua Kimmih gyzyl kart aldy. Ýöne 1-nji ýarym tamamlanmanka myhman topardan hem 2 oýunça gyzyl kart görkezildi. 21-nji minutda Gýasula, 41-nji minutda-da Maglika oýundan çykaryldy. «Bundesliganyň» taryhynda ilkinji gezek 1 oýunda 3 futbolçy 1-nji ýarymda gyzyl kart aldy. Golsuz geçen 1-nji ýarymyň tersine 2-nji ýarymda 38 minutyň dowamynda 8 gol derwezä girizildi. Münhenlilere taryhy hasap bilen ýeňiş getiren gollaryň 3-sini Harri Keýn (51, 69, 88), 2-sini Leroý Sane (56, 64), 2-sini Jamal Musiala (60, 76) hem-de 1-ini Tomas Müller geçirdi. Keýniň 2-nji goluny 50 metr çemesi uzak aralykdan derwezä girizendigi bellärliklidir. «Leipsig» hem öz meýdançasynda «Kölnüň» derwezesinden jogapsyz 6 gol geçirip, gollaryň 2-sini Openda öz adyna ýazdyrdy. Başga bir 6 goluň geçirilen oýnunda «Aýntraht» bilen «Borussiýa Dortmund» utuklary paýlaşdylar. Sanawyň öňdebaryjysy «Baýer» öz meýdançasynda «Fraýburgy» 2-1 hasabynda ýeňip, ýeňlişsiz liderligini dowam etdirdi.**



# Ýaş sürüji çempionlygyny goramagy başardy

Dünýä Ralli çempionatynyň 12-nji ýaryşy Merkezi Ýewropa Rallisi yklymyň 3 ýurdunyň çäginde geçirildi. Çehiýadan başlap, Awstriýadan geçip, Germaniýada tamamlanan ýaryşdan soň 2023-nji ýylyň çempiony belli boldy. Bäsleşikde 2-nji ýeri eýelän «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi Kalle Rowanpera möwsümiň tamamlanmagyna 1 ýaryş galanda, çempionlygyny yglan etdi. Rowanpera utugyny 235-e ýetirip, 2-nji ýerdäki Elfin Ewansdan 1 ýaryş galanda, 44 utuk öňe saýlandy. Rowanpera şu möwsümde 3 gezek 1-nji orny eýeledi. Ol geçen ýyl Dünýä Ralli çempionatynda çempionlyk gazanan iň ýaş sürüji bolupdy. Şunlukda, 23 ýaşyndaky Rowanpera finlýandiýaly Ýuha Kankkunen, italiýaly Miki Biazion, finlýandiýaly Tommi Makinen, fransiýaly Sebastien Lýob hem-de Sebastien Ožie dagydan soň yzly-yzyna çempionlyk gazanan 6-njy pilot hökmünde hasaba alyndy.



Ilkinji gezek geçirilen Merkezi Ýewropa Rallisinde «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill ýeňiş gazanyp, ol 18 tapgyrdan ybarat 312,80 kilometr aralygy 2 sagat 52 minut 39,9 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 19-njy ýeňşi boldy. Ýeňijiden 57,6 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýelän Rowanperadan soň «M-Sport Ford» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak ýaryşy 3-nji orunda tamamlady.

Möwsümiň iň soňky ýaryşy 16-19-njy noýabr aralygynda Ýaponiýada geçiriler.

# BIRINJILIK UGRUNDA ÝITI GÖREŞ

Moto GP boýunça möwsümiň 17-nji ýaryşy Tailandyň Buriram şäherinde geçirildi. 26 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Ducati Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin ýeňiji boldy. Ol 39 minut 40,045 sekuntda pellehanadan geçip, möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 4-nji ýeňşini gazandy. Martinden 0,253 sekunt soň pellehana gelen «Ducati Lenovo» toparynyň italýan piloty Françesko Banaia 2-nji ýeri eýeledi. «Red Bull KTM» toparyndan günorta afrikaly sürüji Bred Baýnder 3-nji orna mynasyp boldy. Ol aslynda 2-nji ýeri eýeläpdi, ýöne jerime alyp, 3-nji orna düşürildi. Italiýaly Marko Bezzekkiniň («Mooney VR46 Racing») 4-nji bolan ýaryşynda fransiýaly Fabio Kuartararo («Monster Energy Yamaha») ýaryşy 5-nji orunda tamamlady.

Sprint ýaryşynda-da Horge Martin 1-nji, Bred Baýnder 2-nji, Luka Marini 3-nji ýeri eýeledi. Françesko Banaia bolsa 7-nji orna mynasyp boldy.

Möwsümiň tamamlanmagyna 3 ýaryş galanda, çempionlyk ugrunda 2 sürüjiniň arasyndaky ýiti göreş dowam edýär. Françesko Banaianyň 389, Horge Martiniň 376 utugy bar. Bezzekki 310, Baýnder 249 utuk bilen 3-4-nji orny eýeleýärler.



Moto GP-de möwsümiň 18-nji «Gran Prisi» 12-nji noýabrda Malaýziýanyň Sepang şäherinde geçiriler.

# ÖZ REKORDYNY TÄZELEDI

**Formula 1 boýunça möwsümiň 20-nji «Gran Prisi» Meksikanyň paýtagty Mehiko Sitidäki Hermano Rodrigesiň adyny göterýän awtodromda geçirildi. 71 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. 2 sagat 02 minut 30,814 sekuntda pellehana gelen Werstappen möwsümdäki 16-njy, karýerasyndaky 51-nji ýeňşini baýram etdi. Şunlukda, Werstappen özüne degişli bir möwsümde iň köp ýeňiş gazanan sürüji rekordyny 16-a çykardy.**

**Ýaryşda ýeňijiden 13,875 sekunt yza galan «Mercedes» toparynyň britan piloty Lýuwis Hamilton 2-nji ýeri eýeledi. «Ferrari» toparynyň sürüjileri — ýaryşa ilkinji hatardan bat alan monakoly Şarl Lekler hem-de ispaniýaly Karlos Saýns Junior 3-4-nji ýerleri paýlaşdylar. «Mercedes» toparynyň beýleki piloty Lando Norris ýaryşy 5-nji orunda tamamlady.**



**Meksika «Gran Prisinden» soň çempion Werstappen utugyny 491-e ýetirdi. Meksikaly sürüji Serhio Peres 240 utuk bilen 2-nji ýerde barýar. Peres bilen utuk aratapawudyny 20-ä düşüren Lýuwis Hamilton 3-nji orny eýeleýär.**

**Möwsümiň 21-nji «Gran Prisi» 5-nji noýabrda Braziliýanyň Sao Paulo şäherinde geçiriler.**

# AZIÝADA ÝYLYŇ FUTBOLÇYSY SAÝLANDY

Aziýada 2022-nji ýylyň iň ökdeleri Kataryň paýtagty Dohada geçirilen dabarada mälim edildi. Dabarada AFK ýylyň aziýaly futbolçysy baýragyna Saud Arabystanynyň «Al Hilal» toparynyň ýerli ýyldyzy Salem Al-Dawsari laýyk görüldi. Ol bu ugurda katarly Almoez Ali hem-de awstraliýaly Mattýuw Lekiden öňe saýlandy. AFK ýylyň aziýaly halkara futbolçysy baýragyna «Bawariýanyň» koreýaly goragçysy Kim Min Čže mynasyp boldy. Ol bu baýrak ugrunda eýranly Mehdi Taremini («Porto») hem-de ýaponiýaly Kaoru Mitamany («Braýton») yzda galdyrdy.

Aziýada ýylyň zenan futbolçysy baýragyna Dohadaky dabaradan 1 gün öň «Altyn top» baýragy ugrunda ispaniýaly Aitana Bonmatiden yza galan awstraliýaly Samanta Kerr («Çelsi») mynasyp boldy.

Ýylyň erkek tälimçisi diýlip Ýaponiýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi Hažime Moriýasu, ýylyň zenan tälimçisi diýlibem Hytaýyň zenanlar milli ýygyndysynyň tälimçisi Şui Sinşia saýlandy.



Eýranly Moslem Oladhobad ýylyň iň ökde futzal oýunçysy baýragy bilen sylaglandy.

### PREMIER LEAGUE (10) — 30 gol

**K. Palas—Tottenham: 1–2** (J. Aýew 90+4 — Word 53 ö.d. Son 66), **Çelsi—Brentford: 0–2** (Pinnok 58, Mbemo 90+6), **Arsenal—Şeffild Ýun: 5–0** (Nkieta 28, 51, 58, Wieira 88 p, Tomiýasu 90+7), **Bornmut—Börnli: 2–1** (Semenýo 22, Billing 76 — Teýlor 11), **Wulwerhempton—Nýukasl: 2–2** (Lemina 36, Hi Çan Hwan 71 — Wilson 22, 45+4 p), **West Ham—Ewerton: 0–1** (Kalwert-Lýuwin 51), **Liwerpul—Nottingam F: 3–0** (Žota 31, Nuňýes 35, Salah 77), **Braýton—Fulham: 1–1** (Ferguson 26 — Paliniýa 65), **A. Willa—Luton Tawn: 3–1** (Makginn 17, Diabi 49, Lokier 62 ö.d. — Martines 83 ö.d.), **M. Ýunaýted—Man. Siti: 0–3** (Holann 26 p, 49, Foden 80)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TOTTENHAM | 10 | 8 | 2 | 0 | 22-9 | 26 |
| 2 | ARSENAL | 10 | 7 | 3 | 0 | 23-8 | 24 |
| 3 | MAN. SITI | 10 | 8 | 0 | 2 | 22-7 | 24 |
| 4 | LIWERPUL | 10 | 7 | 2 | 1 | 23-9 | 23 |
| 5 | ASTON WILLA | 10 | 7 | 1 | 2 | 26-14 | 22 |
| 6 | NÝUKASL | 10 | 5 | 2 | 3 | 26-11 | 17 |
| 7 | BRAÝTON | 10 | 5 | 2 | 3 | 23-19 | 17 |
| 8 | M. ÝUNAÝTED | 10 | 5 | 0 | 5 | 11-16 | 15 |
| 9 | WEST HAM | 10 | 4 | 2 | 4 | 16-17 | 14 |
| 10 | BRENTFORD | 10 | 3 | 4 | 3 | 16-12 | 13 |
| 11 | ÇELSI | 10 | 3 | 3 | 4 | 13-11 | 12 |
| 12 | W. HEMPTON | 10 | 3 | 3 | 4 | 13-17 | 12 |
| 13 | K. PALAS | 10 | 3 | 3 | 4 | 8-13 | 12 |
| 14 | FULHAM | 10 | 3 | 3 | 4 | 9-16 | 12 |
| 15 | EWERTON | 10 | 3 | 1 | 6 | 10-14 | 10 |
| 16 | NOTTINGAM | 10 | 2 | 4 | 4 | 10-15 | 10 |
| 17 | BORNMUT | 10 | 1 | 3 | 6 | 8-21 | 6 |
| 18 | LUTON TAWN | 10 | 1 | 2 | 7 | 9-20 | 5 |
| 19 | BÖRNLI | 10 | 1 | 1 | 8 | 8-25 | 4 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 10 | 0 | 1 | 9 | 7-29 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 11 |
| 2 | Hyn Min SON (Tottenham) | 8 |
| 3 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 8 |
| 4 | Kallum WILSON (Nýukasl) | 7 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 6 |

### LA LIGA (11) — 30 gol

**Žirona—Selta: 1–0** (Herrera 90+1), **Almeriýa—Las Palmas: 1–2** (Ramazani 72 — Munir 23, Kaba 90+4), **Barselona—Real Madrid: 1–2** (Gündogan 6 — Bellingam 68, 90+2), **Malýorka—Hetafe: 0-0, Kadiz—Sewilýa: 2–2** (Ramos 8, Maçis 28 – Okampos 37, Rakitiç 60), **Betis—Osasuna: 2–1** (Willian 45+1, Isko 90+4 — Ruben Garsiýa 85), **R. Wallekano—R. Sosiedad: 2–2** (Mumin 31, Bebe 90+2 — Oýarzabal 41, 66 p), **Atletik—Walensiýa: 2–2** (De Markos 32, Berenger 90+7 — Fran Peres 62, Duro 68), **Atletiko—Alawes: 2–1** (Rikelme 26, Morata 45+1 — Gewara 90+6), **Granada—Wilýarreal: 2–3** (Rikardo Sançes 29, Uzuni 34 — Moreno 18, 23 p, Serlot 28)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 11 | 9 | 1 | 1 | 23-8 | 28 |
| 2 | ŽIRONA | 11 | 9 | 1 | 1 | 25-13 | 28 |
| 3 | ATLETIKO M | 10 | 8 | 1 | 1 | 25-9 | 25 |
| 4 | BARSELONA | 11 | 7 | 3 | 1 | 23-12 | 24 |
| 5 | R. SOSIEDAD | 11 | 5 | 4 | 2 | 20-14 | 19 |
| 6 | ATLETIK B | 11 | 5 | 3 | 3 | 18-12 | 18 |
| 7 | BETIS | 11 | 4 | 5 | 2 | 14-15 | 17 |
| 8 | R. WALLEKANO | 11 | 4 | 5 | 2 | 14-15 | 17 |
| 9 | WALENSIÝA | 11 | 4 | 3 | 4 | 14-13 | 15 |
| 10 | LAS PALMAS | 11 | 4 | 2 | 5 | 8-10 | 14 |
| 11 | OSASUNA | 11 | 4 | 1 | 6 | 12-16 | 13 |
| 12 | WILÝARREAL | 11 | 3 | 3 | 5 | 15-18 | 12 |
| 13 | HETAFE | 11 | 2 | 6 | 3 | 13-16 | 12 |
| 14 | SEWILÝA | 10 | 2 | 4 | 4 | 16-15 | 10 |
| 15 | KADIZ | 11 | 2 | 4 | 5 | 10-16 | 10 |
| 16 | MALÝORKA | 11 | 1 | 6 | 4 | 12-16 | 9 |
| 17 | ALAWES | 11 | 2 | 3 | 6 | 9-16 | 9 |
| 18 | SELTA | 11 | 1 | 3 | 7 | 10-19 | 6 |
| 19 | GRANADA | 11 | 1 | 3 | 7 | 17-28 | 6 |
| 20 | ALMERIÝA | 11 | 0 | 3 | 8 | 14-31 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 10 |
| 2 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 7 |
| 3 | Mikel OÝARZABAL (R. Sosiedad) | 6 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 6 |
| 5 | Žerar MORENO (Wilýarreal) | 6 |

### SERIE A (10) — 23 gol

**Jenoa—Salernitana: 1–0** (Gudmundsson 35), **Sassuolo—Bolonýa: 1–1** (Boloka 44 — Zirkezee 3), **Leççe—Torino: 0–1** (Buonžorno 41), **Ýuwentus—Werona: 1–0** (Kambiýaso 90+7), **Kaliari—Frozinone: 4–3** (Oristanio 72, Makumbu 76, Pawoletti 90+4, 9+6 — Sule 23, 37, Breşianini 49), **Monza—Udineze: 1–1** (Kolpani 27 — Lukka 67), **Inter—Roma: 1–0** (Turam 81), **Napoli—Milan: 2–2** (Politano 50, Raspadori 63 — Žiru 22, 31), **Empoli—Atalanta: 0–3** (Skamakka 5, 51, Koopmaýners 29), **Lasio—Fiorentina: 1–0** (Immobile 90+5 p)

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 10 | 8 | 1 | 1 | 25-5 | 25 |
| 2 | ÝUWENTUS | 10 | 7 | 2 | 1 | 16-6 | 23 |
| 3 | MILAN | 10 | 7 | 1 | 2 | 18-11 | 22 |
| 4 | ATALANTA | 10 | 6 | 1 | 3 | 18-8 | 19 |
| 5 | NAPOLI | 10 | 5 | 3 | 2 | 22-12 | 18 |
| 6 | FIORENTINA | 10 | 5 | 2 | 3 | 18-14 | 17 |
| 7 | LASIO | 10 | 5 | 1 | 4 | 13-12 | 16 |
| 8 | BOLONÝA | 10 | 3 | 6 | 1 | 11-8 | 15 |
| 9 | ROMA | 10 | 4 | 2 | 4 | 20-13 | 14 |
| 10 | MONZA | 10 | 3 | 4 | 3 | 9-9 | 13 |
| 11 | LEÇÇE | 10 | 3 | 4 | 3 | 10-12 | 13 |
| 12 | FROZINONE | 10 | 3 | 3 | 4 | 15-17 | 12 |
| 13 | TORINO | 10 | 3 | 3 | 4 | 7-12 | 12 |
| 14 | JENOA | 10 | 3 | 2 | 5 | 11-14 | 11 |
| 15 | SASSUOLO | 10 | 3 | 2 | 5 | 13-17 | 11 |
| 16 | WERONA | 10 | 2 | 2 | 6 | 6-12 | 8 |
| 17 | UDINEZE | 10 | 0 | 7 | 3 | 6-14 | 7 |
| 18 | EMPOLI | 10 | 2 | 1 | 7 | 3-19 | 7 |
| 19 | KALIARI | 10 | 1 | 3 | 6 | 9-21 | 6 |
| 20 | SALERNITANA | 10 | 0 | 4 | 6 | 6-20 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautaro MARTINES (Inter) | 11 |
| 2 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 6 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 6 |
| 4 | Nikolas GONZALES (Fiorentina) | 5 |
| 5 | Romelu LUKAKU (Roma) | 5 |

### BUNDESLIGA (9) — 42 gol

**Bohum—Maýns: 2–2** (Şteger 21 p, Şlotterbek 82 — Şlotterbek 59 ö.d., Krauss 90+6), **Augsburg—Wolfsburg: 3–2** (Tis, Bornau 79 ö.d., Engels 82 — Winn 35, Maýer 45 p), **Bawariýa—Darmştadt: 8–0** (Keýn 51, 69, 88, Sane 56, 64, Musiala 60, 76, Müller 71), **Borussiýa M—Haýdenhaým: 2–1** (Plea 4, Forenbah 51 ö.d. — Dinkçi 38), **Werder—Union Berlin: 2–0** (Knohe 38 ö.d., Dukş 75), **Ştutgart—Hoffenhaým: 2–3** (Fürih 61, Undaw 74 — Prömel 5, Weghorst 21 p, Skow 66), **Leipsig—Köln: 6–0** (Werner 15 p, Openda 40, 45+3, Raum 43, Şeşko 88, Baumgartner 90+2), **Aýntraht—Borussiýa D: 3–3** (Marmuş 8 p, 24, Şaibi 68 — Sabitser 45+1, Mukoko 54, Brandt 82), **Baýer—Fraýburg: 2–1** (Wirts 36, Atubolu 61 ö.d. — Gulde 70)

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 9 | 8 | 1 | 0 | 27-8 | 25 |
| 2 | BAWARIÝA | 9 | 7 | 2 | 0 | 34-7 | 23 |
| 3 | ŞTUTGART | 9 | 7 | 0 | 2 | 27-11 | 21 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 9 | 6 | 3 | 0 | 20-11 | 21 |
| 5 | LEIPSIG | 9 | 6 | 2 | 1 | 25-7 | 20 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 9 | 6 | 0 | 3 | 20-16 | 18 |
| 7 | AÝNTRAHT | 9 | 3 | 5 | 1 | 12--9 | 14 |
| 8 | FRAÝBURG | 9 | 4 | 1 | 4 | 10--16 | 13 |
| 9 | WOLFSBURG | 9 | 4 | 0 | 5 | 13-14 | 12 |
| 10 | AUGSBURG | 9 | 3 | 2 | 4 | 18-21 | 11 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 9 | 2 | 3 | 4 | 16-20 | 9 |
| 12 | WERDER | 9 | 3 | 0 | 6 | 14-18 | 9 |
| 13 | HAÝDENHAÝM | 9 | 2 | 1 | 6 | 13-22 | 7 |
| 14 | DARMŞTADT | 9 | 2 | 1 | 6 | 13-30 | 7 |
| 15 | UNION BERLIN | 9 | 2 | 0 | 7 | 11--19 | 6 |
| 16 | BOHUM | 9 | 0 | 5 | 4 | 8--23 | 5 |
| 17 | KÖLN | 9 | 1 | 1 | 7 | 7--21 | 4 |
| 18 | MAÝNS | 9 | 0 | 3 | 6 | 9--24 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 14 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 12 |
| 3 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 8 |
| 4 | Loi OPENDA (Leipsig) | 8 |
| 5 | Leroý SANE (Bawariýa) | 8 |

### LIGUE 1 (10) — 18 gol

**Klermon—Nissa: 0–1** (Budaui 74), **Reýms—Loriýan: 1–0** (Wilson-Esbrand 84), **Lans—Nant: 4–0** (Sotoka 26 p, 71 p, Medina 58, El-Aýnaui 89), **Brest—PSŽ: 2–3** (Munie 43, Le Duaron 52 — Zair-Emeri 16, Mbappe 28, 89), **Lill—Monako: 2–0** (Kawaleýru 32, Diakite 42), **Mets—Le Hawr: 0–0, Monpelie—Tuluza: 3–0** (Adams 13, 72, Faýad 63), **Renn—Strasbur: 1–1** (Trýuffer 23 — Motiba 81), **Marsel—Lion** (soňa goýuldy)

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NISSA | 10 | 6 | 4 | 0 | 11--4 | 22 |
| 2 | PSŽ | 10 | 6 | 3 | 1 | 23-9 | 21 |
| 3 | MONAKO | 10 | 6 | 2 | 2 | 23-14 | 20 |
| 4 | LILL | 10 | 5 | 3 | 2 | 14-10 | 18 |
| 5 | REÝMS | 10 | 5 | 2 | 3 | 16-12 | 17 |
| 6 | BREST | 10 | 4 | 3 | 3 | 11--11 | 15 |
| 7 | NANT | 10 | 4 | 2 | 4 | 16-19 | 14 |
| 8 | RENN | 10 | 2 | 6 | 2 | 16-13 | 12 |
| 9 | MARSEL | 9 | 3 | 3 | 3 | 12--12 | 12 |
| 10 | LANS | 10 | 3 | 3 | 4 | 12--13 | 12 |
| 11 | MONPELIE | 9 | 3 | 3 | 3 | 15-11 | 11 |
| 12 | TULUZA | 10 | 2 | 5 | 3 | 11--13 | 11 |
| 13 | LE HAWR | 10 | 2 | 5 | 3 | 10--12 | 11 |
| 14 | STRASBUR | 10 | 3 | 2 | 5 | 9--15 | 11 |
| 15 | LORIÝAN | 10 | 2 | 4 | 4 | 15-20 | 10 |
| 16 | METS | 10 | 2 | 3 | 5 | 8--16 | 9 |
| 17 | KLERMON | 9 | 1 | 2 | 6 | 7--14 | 5 |
| 18 | LION | 9 | 0 | 3 | 6 | 7--18 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 10 |
| 2 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 3 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 5 |
| 5 | Musa AL-TAMARI (Monpelie) | 5 |

### PREMÝER LIGA (13) — 14 gol

**Rubin—Baltika: 1–0** (Wada 88), **Fakel—Spartak: 2–0** (Markow 71 p, Maksimow 83), **Rostow—Lokomotiw: 1–0** (Şetinin 3), **Krylýa Sowetow—Orenburg: 1–1** (Garre 24 — Peres 66), **Zenit—Ahmat: 2–1** (Sergeýew 32, Kassierra 37 — Konate 24), **Pari NN—Soçi: 1–0** (Kalinskiý 38), **Dinamo—Ural: 2–1** (Týukawin 42, Bitello 61 — Işkow 90+5), **SSKA—Krasnodar: 1–0** (Çalow 41)

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KRASNODAR | 13 | 8 | 4 | 1 | 21-8 | 28 |
| 2 | ZENIT | 13 | 8 | 2 | 3 | 27-13 | 26 |
| 3 | K. SOWETOW | 13 | 6 | 4 | 3 | 27-18 | 22 |
| 4 | DINAMO | 13 | 5 | 6 | 2 | 19-16 | 21 |
| 5 | SSKA | 13 | 5 | 6 | 2 | 23-17 | 21 |
| 6 | PARI NN | 13 | 6 | 2 | 5 | 12--11 | 20 |
| 7 | SPARTAK | 13 | 6 | 2 | 5 | 18-20 | 20 |
| 8 | LOKOMOTIW | 13 | 5 | 5 | 3 | 18-17 | 20 |
| 9 | ROSTOW | 13 | 4 | 4 | 5 | 21-24 | 16 |
| 10 | URAL | 13 | 4 | 4 | 5 | 14-20 | 16 |
| 11 | RUBIN | 13 | 4 | 4 | 5 | 12--20 | 16 |
| 12 | FAKEL | 13 | 4 | 3 | 6 | 11--15 | 15 |
| 13 | AHMAT | 13 | 3 | 3 | 7 | 13-17 | 12 |
| 14 | ORENBURG | 13 | 3 | 3 | 7 | 15-21 | 12 |
| 15 | BALTIKA | 13 | 3 | 2 | 8 | 12--19 | 11 |
| 16 | SOÇI | 13 | 3 | 0 | 10 | 13-20 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo KASSIERRA (Zenit) | 10 |
| 2 | Fedor ÇALOW (SSKA) | 7 |
| 3 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 6 |
| 4 | Eduard SPERSÝAN (Krasnodar) | 6 |
| 5 | Ýewgeniý MARKOW (Fakel) | 5 |

# MANÇESTER DERBISINDE «SITI» ÝEŇIŞ GAZANDY

**Angliýanyň çempionatynda** Mançester derbisinde «Siti» myhmançylykda «Ýunaýtedi» Holannyň (2) hem-de Fodeniň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Holannyň geçiren gollarynyň 1-njisi 11 metrlik jerime urgusyndan bolup, ol çempionatyň çäginde Mançester derbisinde «Old Traffordda» «Sitiniň» peýdasyna bellenen ilkinji penalti hökmünde hasaba alyndy. London derbisinde-de «Tottenham» myhmançylykda «Kristal Palasdan» 2–1 hasabynda üstün çykdy. Nkietanyň het-trik eden oýnunda «Arsenal» öz meýdançasynda «Şeffild Ýunaýtedi» 5–0 hasabynda utdy. «Liwerpul» hem ýyldyz oýunçylary — Žota, Nuňýes hem-de Salahyň gollary bilen «Nottingam Foresti» 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



**Italiýanyň çempionatynda** soňky 2 möwsümiň çempiony «Napoli» bilen «Milanyň» arasyndaky duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. 1-nji ýarymda Žirunyň gollary esasynda 2–0 öňe saýlanan «Milana» 2-nji ýarymda «Napoli» Politano hem-de Raspadoriniň gollary bilen jogap berdi. Tapgyryň başga bir esasy oýnunda-da «Inter» öz meýdançasynda «Romany» Turamyň 81-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňdi. «Ýuwentus» topary-da «Weronadan» Kambiýasonyň 90+7-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda üstün çykdy. Tapgyryň iň ünsi çeken netijesi «Kaliaride» hasaba alyndy. Öz meýdançasynda «Frozinoneni» kabul eden «Kaliari» soňky 20 minutda 3–0-dan 4–3 öňe saýlanyp, möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy. «Kaliari» toparynda hasaby deňlän hem-de ýeňiş getiren gollary Pawoletti 90-njy minutdan soň geçirdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ Mbappeniň 2 gezek tapawutlanan duşuşygynda myhmançylykda «Brest» toparyny 3–2 hasabynda ýeňdi. «Klermony» 1–0 ýeňen «Nissa» topary «Monakonyň» myhmançylykda «Lillden» 2–0 utulmagyndan soň 1-nji orna geçdi.

**Russiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda SSKA öz meýdançasynda sanawyň lideri «Krasnodary» Çalowyň ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňdi.





Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Messiniň 8-nji «Altyn top» baýragy



Dünýä belli «France Football» žurnaly tarapyndan berilýän iň abraýly baýrak hasaplanýan «Altyn top» (Ballon d’Or) baýragynyň bu ýylky eýesi Parižde geçirilen dabarada mälim edildi. Fransiýanyň paýtagtyndaky «Theatre du Chatelet» teatrynda geçirilen dabara futbolyň öňki-soňky meşhur ýyldyzlary, tälimçileri we beýleki adamlar gatnaşdylar.

1,5 sagada golaý dowam eden dabarada «Altyn top» baýragynyň eýesi Lionel Messi boldy. Argentinaly futbolçy baýragy kluby «Inter Maýaminiň» eýesi Dewid Bekhamyň elinden aldy. Bu onuň 8-nji «Altyn top» baýragy bolup, ol özüne iň golaý Kristiano Ronaldodan 3 baýrak öňde barýar. 36 ýaşyndaky Messi 2022/23 möwsüminde Argentinanyň ýygyndysy bilen Dünýä Kubogyny, şol sanda PSŽ bilenem Fransiýanyň çempionlygyny hem-de Super Kubogyny gazanypdy. Ses berlişikde Erling Holann 2-nji, Kilian Mbappe 3-nji, Kewin De Bruýne 4-nji, Rodri 5-nji, Winisius Junior 6-njy, Ýulian Alwares 7-nji, Wiktor Osimhen 8-nji, Bernardo Silwa 9-njy, Luka Modriç 10-njy ýeri eýeledi. Lionel Messi bu baýragy mundan öň 2009-njy, 2010-njy, 2011-nji, 2012-nji, 2015-nji, 2019-njy hem-de 2021-nji ýyllarda-da alypdy.

Ýylyň iň ökde zenan futbolçysy, ýagny «Ballon d’Or Feminin» baýragynyň ýeňijisi diýlip «Barselonanyň» ýaş oýunçysy Aitana Bonmati mälim edildi. Baýragy ýyldyz tennisçi Nowak Jokowiçiň elinden alan 25 ýaşyndaky Bonmati geçen möwsümde Ispaniýanyň Dünýä Kubogyny gazanmagynda hem-de «Barselonanyň» Ispaniýanyň hem-de UEFA Çempionlar Ligasynyň çempionlygyny gazanmagynda uly rol oýnapdy. Bonmati bu ugurda awstraliýaly Samanta Kerri, ispaniýaly Salma Paralýuelony, şwesiýaly Fridolina Rolföni hem-de angliýaly Meri Irpsi yzda galdyrdy.

Ýylyň iň ökde ýaş futbolçysyna berilýän «Kopa Trophy» baýragyna geçen möwsümi «Borussiýa Dortmundda» geçiren «Real Madridiň» angliýaly ýyldyzy Jud Bellingam laýyk görüldi. Ol Musiala, Pedri, Kamawinga, Gawi ýaly futbolçylardan köp ses aldy.

Ýylyň iň ökde derwezeçisine gowşurylýan «Yashin Trophy» baýragy «Aston Willanyň» argentinaly derwezeçisi Emiliano Martinese berildi. Braziliýaly Ederson hem-de marokkoly Ýassin Bunudan öňe saýlanan Martinese baýragy kakasy gowşurdy.

Ýylyň iň köp gol geçiren futbolçysyna berilýän «Gerd Müller Trophy» baýragyny geçen möwsümde umumylykda 56 gezek tapawutlanan Erling Holann gazandy.

Sosial-jemgyýetçilik, haýyr-sahawat işlerinde öňe saýlanan futbolçylara berilýän «Socrates Award» baýragy «Real Madridiň» braziliýaly hüjümçisi Winisus Juniora gowşuryldy.

Şeýle-de, ýylyň iň ökde klublary hökmünde UEFA-nyň Çempionlar Ligasy ýaryşlarynda ýeňiş gazanan 2 kluby – erkekleriň arasynda «Mançester Siti», zenanlaryň arasynda-da «Barselona» klublary saýlandy.











## 3-nji liganyň wekili «Bawariýany» kubok ýaryşyndan çykardy

Germaniýanyň Kubogy (DFB-Pokal) ýaryşynyň 2-nji tapgyrynda garaşylmadyk netije hasaba alyndy. 81-nji gezek geçirilýän ýaryşyň 2-nji tapgyrynda «Bawariýa» myhmançylykda 3-nji ligada çykyş edýän «Saarbrukken» topary bilen duşuşdy. 16-njy minutda Tomas Mülleriň goly bilen öňe geçen «Bawariýa» toparynyň derwezesinden deňlik goluny 45+1-nji minutda Sonthaýmer geçirdi. Duşuşygyň 90+6-njy minutynda-da Gaus ýer eýelerine ýeňiş getiren goly öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Saarbrukken» güýçli garşydaşyny ýaryşdan çykaryp, 3-nji tapgyra çykmagy başardy. «Bawariýa» 23 ýyldan soň kubok ýaryşynda 2-nji tapgyrda utuldy.

Kubogyň soňky 2 ýylynyň eýesi «Leipsig» myhmançylykda «Wolfsburgdan» 1–0 hasabynda asgyn geldi (Çerni 14). Şeýle-de, «Borussiýa Dortmund» «Hoffenhaýmy» (Roýs 43), «Ştutgart» «Union Berlini» (Undaw 45) 1-0 hasabynda utdy. «Baýer» myhmançylykda Adliniň 2 gol geçiren oýnunda 3-nji liganyň wekili «Sandhauzen» toparyny 5-2 ýeňdi. «Aýntraht», «Herta Berlin», «Nürnberg», «Magdeburg», «Paderborn», «Kaizerslautern», «Borussiýa M», «St. Pauli», «Fortuna Düsseldorf»,



«Hamburg» hem-de 4-nji liganyň bir sebitleýin ligasynda çykyş edýän «Homburg» topary 1/8 finala çykdy. «Homburg» topary 2-nji ligada çykyş edýän «Groýter Fürt» toparyny 2-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1/8 finalyň bijeleri 5-nji noýabrda çekiler, duşuşyklary bolsa 5-6-njy dekabrda geçiriler.

## «Arsenal» hem-de «Mançester Ýunaýtede» çärýek finala çykmak başartmady

*Angliýanyň Liga Kubogy (EFL Cup) ýaryşynda 4-nji tapgyryň, ýagny 1/8 finalyň duşuşyklary geçirildi. Tapgyryň merkezi duşuşyklarynda esasy faworitler ýeňlişe sezewar boldy.*

London derbisinde «West Ham» topary «Arsenaly» 3–1 hasabynda utdy. «West Ham» toparyna ýeňiş getiren gollary Waýt (16, ö.d.), Kudus (50) hem-de Bowen (60) geçirdi. «Arsenalyň» ýeke-täk goluny 90+6-njy minutda Edegor öz adyna ýazdyrdy.

Kubogyň soňky eýesi «Mançester Ýunaýted» topary-da öz meýdançasynda «Nýukasldan» 3–0 hasabynda asgyn gelip, ýaryş bilen hoşlaşdy. Gollary Almiron (28), Holl (36) hem-de Willok (60) geçirdi. Şunlukda, «Mançester Ýunaýted» 61 ýyldan soň ilkinji gezek «Old Traffordda» yzly-yzyna 2 oýunda 3 we 3-den köp gol geçirtdi.

«Çelsi» öz meýdançasynda «Bläkbörn Rowersi» 2–0 (Badiaşile 30, Sterling 59), «Liwerpul» myhmançylykda «Bornmuty» 2–1 (Gakpo 31, Nunýes 70 — Kluiwert 64), «Ewerton» «Börnlini» 3–0 (Tarkowski 13, Onana 53, Ýang 90+2), «Fulham» myhmançylykda «Ipswiç Tawny» 3–1 (Wilson 9, Muniz 50, Kairni 77 — Baggott 79) hasabynda ýeňdi. Aşaky ligalaryň wekilleriniň arasyndaky oýunlarda-da 3-nji liganyň kluby «Port Weýl» myhmançylykda 4-nji ligada çykyş edýän «Mansfild Tawny» 1–0 (Dewine



50), 2-nji liganyň wekili «Middlsbro» myhmançylykda 3-nji liganyň topary «Ekseter Sitini» 3–2 (Rojers 49, Silwera 59, Latte Lat 82 p — Trewitt 13, 66) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

19–20-nji dekabrda oýnaljak çärýek finalda «Ewerton»—«Fulham», «Çelsi»—«Nýukasl», «Port Weýl»—«Middlsbro» hem-de «Liwerpul»—«West Ham» duşuşyklary geçiriler.


TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

**Hormatly müşderiler!**

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky, döwrebap hyzmatlarynyň gerimini has-da giňeldip, bir «Altyn asyr» bank kartyndan başga bir «Altyn asyr» bank kartyna pul geçirmek amalynyň hereket edýändigi barada habar berýär.

Hyzmata laýyklykda müşderilerimize birek-biregiň bank kartyna bankomatlaryň ýa-da «Internet-bank», «Mobil-bank» hyzmatlarynyň üsti bilen bir aýyň dowamynda 1000 (bir müň) manatdan ýokary bolmadyk möçberde pul geçirimlerini amala aşyrmaga mümkinçilik döredilen.

*Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:*
+99312 44-48-37
+99312 44-49-27

www.halkbank.gov.tm

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**






